«7/24.tm»: «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy

№ 52 (239)
23.12.2024

TÜRKMENISTAN SPORT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

7/24 tm




# 2024




## HALKARA FUTBOL FEDERASIÝASY ÝYLYŇ JEMI BOÝUNÇA BAÝRAKLARY GOWŞURDY



# HEPDÄNIŇ HABARLARY

☑ **16.12.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe we ýurduň doganlyk halkyna Gazagystan Respublikasynyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

☑ **16.12.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Bahreýniň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifa we ýurduň ähli halkyna Bahreýn Patyşalygynyň Milli güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

☑ **16.12.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistan — ABŞ» işewürler geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory Erik Stýuarty, «John Deere» kompaniýasynyň Merkezi Aziýada strategik hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça ýolbaşçysy Çaba Leýkony we «Westport Trading Europe Limited» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Nikolaý Ýurçenkony kabul etdi.

☑ **16.12.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «ITOCHU Corporation» kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň agzasy, ýerine ýetiriji wise-prezidenti, maşyn we enjamlar kompaniýasynyň prezidenti, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça ýapon-türkmen komitetiniň başlygy Hiroýuki Subaýy kabul etdi.

☑ **16.12.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi.

☑ **17.12.2024 ý.** Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistan — ABŞ» işewürler geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory Erik Stýuart bilen duşuşdy.

☑ **18.12.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Tanä we ýurduň ähli halkyna Katar Döwletiniň Milli güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

☑ **18.12.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow resmi sapar bilen Malaýziýa ugrady.

☑ **19.12.2024 ý.** Malaýziýanyň paýtagtynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibrahimiň arasynda gepleşikler geçirildi.

☑ **19.12.2024 ý.** Gahryman Arkadagymyz Içeri işler ministrliginiň Awtomobil sport toplumynyň täze binalar toplumyny gurmak üçin meýilleşdirilýän ýere geldi. Bu ýerde Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzda awtomobil sportunyň ösdürilmeginde möhüm ähmiýete eýe boljak binalar toplumynyň taslamalary bilen tanyşdy.

☑ **21.12.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşynyň birnäçe möhüm meseleleri girizildi. Mejlisiň dowamynda döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

**www.tdh.gov.tm**

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI MALAÝZIÝANYŇ PREMÝER-MINISTRI BILEN GEPLEŞIKLERI GEÇIRDI



☑ 2024-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Kuala-Lumpurda ilkinji gezek resmi saparda bolýan Prezident Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň Premýer-ministri Dato Seri Anwar Ibrahim bilen ýokary derejeli gepleşikleri geçirdi.

Türkmenistanyň Prezidentini resmi taýdan garşylamak dabarasy Kuala-Lumpurdan 20 kilometr uzaklykdaky Malaýziýanyň häzirki zaman dolandyryş merkezi hasaplanýan Putrajaýa şäherinde geçirildi. 1995-nji ýylda esaslandyrylan bu şäherde Premýer-ministriň we Hökümetiň iş kabulhanasy ýerleşýär.

Dostlukly ýurduň Hökümet binasynyň öňündäki Perdana meýdançasynda guralan resmi garşylamak dabarasyndan soňra, Türkmenistanyň Prezidentiniň we Malaýziýanyň Premýer-ministriniň ikiçäk duşuşygy geçirildi. Iki halka mahsus açyklyk, birek-birege düşünişmek, özara ynanyşmak ýagdaýynda geçen gepleşikleriň dowamynda taraplar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň meselelerini ara alyp maslahatlaşyp, häzirki ýagdaýlary we geljegi nazara almak bilen, onuň esasy ugurlaryny anyklaşdyrdylar. Soňra gepleşikler iki ýurduň resmi wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňeldilen düzümde dowam etdi.

Duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler özara gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary, halkara gün tertibiniň gyzyklanma bildirilýän möhüm meseleleri barada pikir alyşdylar. Syýasy-diplomatik ugurda, hususan-da, halkara guramalardyr forumlaryň çäklerinde ählumumy meseleler babatda pikir alyşmagy dowam etdirmegiň zerurdygy bellenildi. Taraplar energetika pudagynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň möhümdigini nygtap, şunda «PETRONAS» kompaniýasynyň köpýyllyk oňyn tejribesine aýratyn üns çekdiler. Iki ýurduň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň hem uly geljegi bar. Şoňa görä, duşuşykda Türkmen-malaý işewürler geňeşini döretmäge taýýarlyk tassyklanyldy. Şeýle-de ulag, medeniýet, bilim, syýahatçylyk, sport babatda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhümdigi nygtaldy.

Gepleşikler tamamlanandan soňra, ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz we Malaýziýanyň Premýer-ministri ýokary derejeli duşuşygyň netijeleri boýunça köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler diýip, «Türkmenistan» gazetiniň elektron görnüşinde habar berilýär.

**www.tdh.gov.tm**

# ДОКУМЕНТЫ ООН,

## ПРИНЯТЫЕ ПО ИНИЦИАТИВЕ ТУРКМЕНИСТАНА, ОПУБЛИКОВАНЫ НА 6 ЯЗЫКАХ




☑ Резолюции и документы, принятые по инициативе Туркменистана в рамках ООН за последний квартал 2024 года, опубликованы и распространены на шести языках ООН в качестве официальных документов 79-ой сессии Генеральной Ассамблеи. Об этом сообщается на сайте Постоянного представительства Туркменистана при ООН.

**В число опубликованных документов входят:**

✓ Резолюция Генеральной Ассамблеи ООН «Зона мира, доверия и сотрудничества Центральной Азии» (документ 79/5) под одноимённым пунктом 64 повестки дня;

✓ Заключительная декларация встречи высокого уровня Группы друзей устойчивого транспорта (документ A/79/636) по пунктам 16 е), 18, 18 а), 18 d), 26, 64 и 71 d) повестки дня;

✓ Итоговый отчёт Международного совещания экспертов на тему «Улучшение энергетической взаимосвязанности: содействие сотрудничеству и достижение устойчивого развития» (документ A/79/594) под пунктами 16, 18 i) и 64 повестки дня.

# TANYŞDYRYLYŞ DABARASY

☑ Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mejlisler zalynda Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň bilelikde guramagynda geçirilen dabarada çykyş edenler Gahryman Arkadagymyzyň täze kitabynyň şu günki ajaýyp zamanamyzyň türkmen jemgyýetini kämilleşdirmekde we öňe alyp gitmekde tapylgysyz ähmiýeti, dil we mazmun baýlygy, ösüp gelýän ýaş nesillerde watançylyk terbiýesini ösdürmekde möhüm gollanmadygy barada kitabyň sahypalaryndan getirilen anyk mysallar esasynda gürrüň berdiler.

Dabaranyň dowamynda institutyň «Sagdyn nesiller» aýdym-saz topary ýurdumyzy, Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy wasp edýän ajaýyp aýdymlary ýerine ýetirdi.

Dabara gatnaşanlar ýurdumyzda okamaga, öwrenmäge, sport bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw etdiler.

**Ogultäç ALLABERDIÝEWA,**
**TDBSI-niň sagaldyş işi hünäriniň talyby.**




# DÜRDÄNE ESER

Çeper döredijilige çäksiz sarpa goýýan Gahryman Arkadagymyzyň şöhratly taryhymyz hakynda toplan ençeme maglumatlaryny kagyza geçirip, täze kitabyny ýazyp tamamlandygy, bu gezekki täze dürdäne eserine «Hakyda göwheri» diýip at goýandygy baradaky habar bütin türkmen halky bilen bilelikde biziň hem ýüregimizde çäksiz buýsanç duýgusyny artdyrdy.

Iki dilde — türkmen we iňlis dillerinde, ýokary çaphana usulynda çap edilen bu taryhy eser diňe bir türkmen okyjylary üçin däl, eýsem bütin dünýäniň okyjylary üçin ähmiýetli gollanmadyr hem-de ýaş nesilleri watançylyk, belent ahlaklylyk, ýokary ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde gymmatly hazynadyr.

Alym Arkadagymyzyň bu dürler hazynasy bolan kitabynyň many-mazmunynda türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň döreden eserleriniň adamzat gymmatlyklaryna ýetiren täsiri, şöhratly taryhymyzyň beýany, milli medeniýetimiziň dünýäniň genji-hazynasyna goşan goşandy baradaky maglumatlar, Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi hasaplanylýan ata Watanymyzyň başdan geçirýän taryhy özgerişleri barada çuňňur pikir ýöredilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň täze kitabynda Änew medeniýeti, ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulan Nusaý galasy, Parfiýa döwleti, Beýik Seljuklar döwleti, Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Horezmşalar döwleti barada hem-de türkmen edebiýatynyň dünýä edebiýaty bilen aýrylmaz baglanyşykda ösendigini görkezýän «Oguznama» eserleri, oguz ýörelgeleri, oguz däpleri barada gyzykly maglumatlar beýan edilýär. Şeýlelikde, bu eser gadymy oguz edebiýatyny öwrenmekde-de gymmatly çeşmedir.

**Ogulsoltan IŞIMOWA,**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygynyň Milli merkeziniň baş hünärmeni.**

# «ÝAŞLAR — WATANYŇ DAÝANJY» ÝAPON DILINDE

2024-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynyň ýapon diline terjime edilen neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.

Dabara Ýaponiýanyň Türkmenistandaky Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň Ýaponiýa döwletindäki Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, «ITOCHU Corporation» kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň agzasy, ýerine ýetiriji wise-prezidenti, maşyn we enjamlar kompaniýasynyň prezidenti, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça ýapon-türkmen komitetiniň başlygy, institutyň we ýurdumyzyň beýleki ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Kitapda ýurdumyzyň ýaşlarynyň häzirki döwürde ýeten sepgitleri, gazanan üstünlikleri barada durup geçmek bilen bu kitap hormatly Prezidentimiziň ýaşlara bildirýän uly ynamynyň nyşany bolmagynda galýar. «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly ajaýyp eser her birimiz üçin kämil ýol-ýörelge, nusgalyk gollanmadyr.

Kitabyň ilkinji sahypasynda döwlet Baştutanymyz: «Biz ýaşlara eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garaýarys. Belent maksatlara ýetmekde ýurdumyzyň ýaş nesillerine aýratyn bil baglaýarys» diýip belleýär. Bu sözleriň aňyrsynda ýaş nesle uly ynam bar. Kitabyň her bir jümlesi biz ýaşlara ruhy güýç, egsilmez hyjuw berýär. Şeýle ajaýyp eseri dünýä ýüzüniň ýaşlarynyň okamagy, öwrenmegi üçin mümkinçilikleriň döredilmegi diýseň buýsançlydyr. Türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalanmagyna ýardam berjek hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly kitabynyň ýapon diline terjime edilen neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy täsirliligi bilen tapawutlandy.

Bize uly ynam bildirýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza jan saglyk, uzak ömür, aýdyň maksatly, beýik tutumly işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

**Mähri NURYÝEWA,**
**Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby.**

# «HAKYDA GÖWHERI» OKYJYLARA GOWUŞDY

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda uly özgertmeler durmuşa geçirilýär. Türkmen halkynyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagy, döredijilikli zähmet çekmegi üçin ähli şertler döredilýär. Asyrlaryň dowamynda ata-babalarymyzdan biziň günlerimize gelip ýeten taryhy gymmatlyklarymyzy, edebi mirasymyzy öwrenmek, dünýä ýaýmak boýunça asylly işler amala aşyrylýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Gahryman Arkadagymyzyň çapdan çykan «Hakyda göwheri» atly täze kitaby giň okyjylar köpçüligine niýetlenendir. Türkmen we iňlis dillerinde çap edilen bu taryhy eser diňe bir türkmen okyjylary üçin däl, eýsem bütin dünýäniň okyjylary üçin ähmiýetli gollanmadyr.

Ata Watanymyzda mukaddes peder ýörelgesine ygrarly Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde Türki medeniýetiň halkara guramasy bolan TÜRKSOÝ tarapyndan 2024-nji ýylyň «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip atlandyrylmagy, şeýle hem Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi türkmen halky üçin belent mertebedir. Maddy hem ruhy gymmatlyklarymyzyň, taryhy ýerlerimiziň ÝUNESKO-nyň abraýly sanawlaryna goşulmagy we Türki döwletleriň guramasy tarapyndan ençeme ykrarnama eýe bolmagy çäksiz buýsandyryjy wakalardyr.

Gahryman Arkadagymyzyň täze eseri halkymyzyň baý taryhy durmuşyndan söz açýan ylmy garaýyşlaryň beýanydyr. Kitap girişden we iki bapdan ybarat bolup, onuň «Taryha syýahat» atly birinji babynda şöhratly taryhymyz hem-de şol taryh bilen bagly saklanyp galan taryhy-medeni ýadygärliklerimiz hakynda gürrüň berilýär. Gahryman Arkadagymyz bular baradaky garaýyşlaryny we pikirlerini şu babyň bäş bölüminiň üsti bilen täsirli beýan edipdir. Alty bölümden ybarat bolan «Ruhy miras» babynda bolsa milli mirasymyzy emele getirýän ruhy-medeni gymmatlyklaryň köpöwüşginliligi barada durlup geçilýär.

Milli Liderimiziň ylmy-filosofik işleri we çeper eserleri geljek nesiller üçin gymmatly hazynadyr.

**Maksatmyrat JUMAÝEW,**
**Türkmenistanyň Söwda we telekeçilik ugrunyň işgärleriniň kärdeşler arkalaşygynyňGeňeşiniň başlygy.**

# TÄZE ÝYLYM, GADAMLARYŇ MÜBÄREK!



☑ Täze ýyl baýramy mynasybetli Diýarymyzyň ähli ýerlerinde şowhunly baýramçylyk dabaralary dowam edýär. Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetinde hem baýramçylyk dabarasy uly şatlyk-şowhuna beslendi. Dabara ministrligiň we onuň garamagyndaky edara-kärhanalaryň, sport desgalarynyň we sport mekdepleriniň jogapkär işgärleri gatnaşdylar.

Baýramçylyk dabarasynda 2024-nji «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň türkmen sportunyň taryhynda ýatdan çykmajak ýyllaryň birine öwrülendigi, paýtagtymyzda geçirilen halkara ýaryşlar we olarda sport ussatlarynyň görkezen üstünlikli çykyşlary, türkmen türgenleriniň dünýä, sebit, yklym derejesinde geçirilen ýaryşlarda gazanan ýeňişleri bellenilip geçildi. Şol üstünlikler sport ulgamynyň wekillerini 2025-nji ýylda has netijeli zähmet çekmäge ruhlandyrdy.

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetinde bezelen Täze ýyl arçasynyň daşynda el tutuşyp, şadyýan aýdym aýdan, tans eden we Aýazbaba bilen Garpamygyň sowgatlaryny almak üçin goşgy okap beren çagalaryň gülküsi baýramçylyk dabarasynyň şowhunyny has hem artdyrdy.

**Gözel REJEPOWA,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.**

---

☑ «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly tamamlanyp barýar. 2025-nji ýyly uly höwes bilen garşylaýarys. Gündogarda ýylan akyllylygyň nyşany hasaplanýar. Ýylan ýylynda doglanlar ýiti akyllylygy we pähimliligi bilen tapawutlanýar. Olar köp geplemeýärler, tersine pähim-paýhasly bolýarlar. Eger-de şu ýylda doglan adamlar ýokary bilime eýe bolsalar, onda olaryň paýhasy daş ýaryp, köp zady öňden görüp bilerler. Bularyň gatnaşygynda duýgular, täsir hem-de özara sylanyşyk uly orun tutýar. Bu adamlaryň hamana alty duýgusy bar ýaly. Her bir başlan işlerini hökman ahyryna çenli ýerine ýetirýärler, şowsuzlyga örän seýrek uçraýarlar.

Häsiýeti boýunça sowukganly bolsalar-da, örän çalt karara gelmegi hem başarýarlar we işiň özenine düşünýärler. Käbirleri gysganjyrak bolýar, karz pul bermegi halamaýarlar. Şol bir wagtyň özünde-de kyn ýagdaýa düşen adamlara nebsi agyryp, olara kömek berýärler. Bular işe çyny bilen ýapyşýarlar we köp işlemekden gaçmaýarlar. Söýgüde öz hemrasyny erkin saýlap tutýarlar.

2025-nji ýyl — ýylan ýyly. Bu ýyl Garaşsyz Türkmenistan döwletimiz, ähli halkymyz üçin täze ösüşler we özgerişler ýyly, biz — ýaşlar üçin bilimde, ylymda, sportda ynamly üstünlikleriň we ýeňişleriň ýyly bolar diýip ynanýarys. Bize okamaga, öwrenmäge we döretmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, döwletli başlangyçlary hemişe rowaç bolsun. Halkymyzyň ýetip gelýän Täze ýyl baýramy gutly bolsun.

**Amanberdihajy ÝEGENMYRADOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.**

☑ Ynsan üçin saglykdan gymmatly baýlyk ýok. Şol sebäpli-de, biz özümiziň gündelik sözleýşimizde hem «Saglyk bolsa, galan zadyň bir alajy tapylar» diýlen jümläni örän köp ulanýarys.

Hakykatdan hem, adam üçin saglygyny goramakdan ähmiýetli zat ýok. Islendik bir gowy ýagdaýy hem dogry, kadaly kabul etmek üçin, ilkinji nobatda, şol adamyň janynyň sag bolup, aýak üstünde gezip ýörmegi hökmany. Hut şonuň üçin hem, biziň ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan ähli işleriň gözbaşynda ynsan saglygy hakyndaky alada bardyr. Biz muny saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri hökmünde hemmelerden öňürti duýýarys we aýdyň düşünýäris.

Ýurt parahatçylygy, asman asudalygy hem adam saglygyna iňňän uly täsirini ýetirýän gymmatlyklardyr. Ýurdy parahat, asmany asuda bolan halkyň ruhy-da, bedeni-de sagdyn bolýar. Tämiz howadan dem almagyň özi-de tapylgysyz baýlykdyr. Muňa çirksiz uýýan halkymyzyň «Ýagşy niýet — ýarym döwlet» diýen pähimi bar. Bu pähim — türkmen halkynyň ýürek owazy, arzuw-niýeti. Çünki türkmen halky elmydama pähim-paýhasa, agzybirlige, parasatlylyga daýanýan halk. Onuň ýüreginde elmydama parahat, agzybir, birek-birege ynanyşyp ýaşamak islegi möwç urýar.

Gahryman Arkadagymyz «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly ajaýyp kitabynda: «Beýik Pyragynyň şygryýeti türkmen halkynyň ajap eýýam hakdaky garaýyşlarynyň, özbaşdak berkarar döwleti gurmak, adalatlylyk, bagtyýar durmuş, agzybirlik, asudalyk baradaky asyrlarboýy eden arzuwlarynyň özboluşly beýanydyr» diýip belleýär. Gahryman Arkadagymyzyň parahatçylyk, asudalyk, ynanyşmak baradaky parasatly pikirleri «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» atly kitaplarynda-da öz beýanyny tapýar.

Hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly çuň many-mazmunly kitabynda hem parahatçylyk, abadançylyk we agzybirlik barada bahasyna ýetip bolmajak parasatly pähim-paýhaslar giňişleýin beýan edilýär.

Halkymyz «Ilimiz abat, ýurdumyz abadan, asmanymyz asuda bolsun!» diýip, ýagşy arzuw-dilegleri edýär. Ata-babalarymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan şu ýagşy dilegleri — biziň her birimiziň arzuwymyz. Bütin dünýäde parahatçylyk, abadançylyk, asudalyk, birek-birege ynanyşmak has-da berkesin!

Täze — 2025-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bütin dünýäde parahatçylyk, abadançylyk baradaky taglymatlary rowaç alsyn, tutumly işleri elmydama üstünliklere beslensin!

**Gülsenem HANOWA,**
**Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň patalogik fiziologiýa kafedrasynyň müdiri.**



# ARKADAG CITY RECEIVES ESQR'S QUALITY CHOICE PRIZE

☑ The Quality Choice Prize 2024 ceremony was organised by the European Society for Quality Research (ESQR) in Vienna. Arkadag City received this prestigious award for its achievements in quality management, including urban planning and sustainable development innovations, the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan reported.

The event took place at the Parkhotel Schönbrunn and brought together the participants from different countries of the world, including businessmen, scientists, quality managers and diplomats. The Turkmen delegation was headed by Chairman of the State Committee for Arkadag City Construction Deryageldi Orazov.

The Arkadag City project complies with environmental regulations and integrates smart technologies. There are energy-efficient buildings, solar panels, green roofs and intelligent transportation system in the city. Currently, the medical cluster project that will contribute to economic growth and job creation is under development.

**Translated by Bahar JUMAEVA,**
**A student, S. A. Niyazov Turkmen Agricultural University**




# ARKADAG ŞÄHERI

## ULY ÖSÜŞLERE EÝE BOLÝAR

☑ 2024-nji ýylyň 9-njy dekabrynda Arkadag şäheriniň ESQR – Hil seljeriş boýunça Ýewropa Jemgyýetiniň abraýly «Quality Choice Prize 2024» baýragyna mynasyp bolmagy ýurdumyzyň şäher gurluşyk maksatnamasynda ýokary netijeler gazanylýandygynyň ýene-de bir subutnamasy boldy. Baýragyň gowşurylyş dabarasy Wena şäheriniň meşhur «Parkhotel Schonbrunn» myhmanhanasynda geçirildi. Bu halkara çäre European Society for Quality Research (ESQR) tarapyndan gurnalyp, şäheriň depginli ösüşi, saglygy goraýyş hem-de energiýanyň netijeliligi ýaly ugurlarda hil dolandyryşynda gazanylan üstünliklerini görkezýär.

Arkadag şäheriniň ««akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurulmagy, şähere dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň sertifikatlarynyň hem-de sylag nyşanlarynyň gowşurylmagy şäheriň Merkezi Aziýada ýeke-täk innowasion şäherdigini kepillendirýär. Gahryman Arkadagymyzyň bu ugurda alyp barýan işleriniň şäheriň we halkyň bähbidine gönükdirilendigi has-da buýsandyryjydyr. Arkadag şäheri — Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekmek bilen ýurdumyzyň abraýyny artdyrýar. Geljegiň şäherine deňelmegi bu ýerde ähli mümkinçilikleriň bolmagydyr. Sebäbi şäherde döredilen şertler, onuň ajaýyp howasynyň ynsan saglygyna täsir edip, ömrüňi uzaltmagy şähere gelýänleriň sanyny artdyrýar. Bu bolsa her türkmenistanly üçin ajaýyp bagt hasaplanylýar.

ESQR-iň «Quality Choice Prize 2024» baýrak gowşuryş dabarasyna Ýewropadan, Aziýadan, Amerikadan, Afrikadan we Awstraliýadan tanymal telekeçileriň, alymlaryň, diplomatlaryň, şeýle hem hil dolanyşygy boýunça tejribeli hünärmenleriň gatnaşmagynda Arkadag şäherine bu baýragyň gowşurylmagy Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň halkara derejedäki abraýyny artdyryp, bu ugurda alyp barýan işlerine giň ýol açyp, mundan beýläk-de pugtalandyrýar.

Arkadag şäherinde taýýarlanýan lukmançylyk klasteriniň taslamasy durnuklylyk we ekologiýa taýdan arassa ýörelgeleri ulanmak bilen birlikde, şäheriň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga we täze iş orunlaryny döretmäge gönükdirilendir. Munuň şeýledigine «World Smart City Expo 2024» halkara sergisinde Arkadag şäherine «Iň tapawutlanan «akylly» şäher» diýen sylagyň hem gowşurylmagy ýokardakylaryň ählisine güwä geçýär.

**Aýsuluw SULTANOWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.**

☑ Arkadag şäherinden wekiliýet topary Awstriýanyň Wena şäherinde iş saparynda boldy. Wekiliýet topary Arkadag şäheriniň Ýewropanyň Hil barlaglary boýunça jemgyýetiniň hil boýunça baýragyny we güwänamalaryny alyp geldiler. Täze şäheriň binagärlik, ekologik derejesi bilen bagly berlen baýragy, degişli güwänamalary diňe bir bu şäheriň ýaşaýjylaryny däl, tutuş türkmen halkynyň şatlygyny goşalandyrdy. Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteriniň önümleriniň halkara derejede ykrar edilmegi türkmen halky üçin buýsandyryjy wakalaryň biri boldy.

Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteriniň önümleriniň halkara derejede hasaba alnyp, olaryň haryt nyşanynyň Bütindünýä Intellektual Eýeçilik Guramasynyň Halkara býurosynyň degişli güwänamasy esasynda tassyklanylmagy uly ösüş bolup durýar. Arkadag şäheri hil dolandyryş ulgamynda öňe sürülýän başlangyçlar we gazanylýan üstünlikler üçin «Hil saýlawy — 2024» nyşany bolan «Diamond» derejesine mynasyp boldy. Munuň özi lukmançylyk klasteriniň saglygy goraýşa degişli serişdeleriniň, çagalar iýmitleriniň, zyýansyzlandyryş sargylarynyň we stomatologiýa degişli önümleriniň hil derejesiniň ykrar edilmegi bolup durýar.

Şäheriň halkara baýraklardyr güwänamalara mynasyp bolmagy ýurdumyzda gazanylýan üstünlikleriň dünýä derejesinde ykrar edilmegidir. Bu bolsa biz — talyplary diýseň buýsandyrýar.

**Jemşit YMAMBERDIÝEW,**
**Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.**



# ÝURDUMYZDA TÄZE ÝYL

☑ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe taryhy we medeni wakalara baý ýyllaryň biri bolan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly öz nobatyny Täze — 2025-nji ýyla bermegi üçin sanalgyja günler galdy. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda, paýtagtymyzda Täze ýyl baýramçylygynyň ajaýyp bezegleriniň öwüşginini görmek bolýar. Ýol etekleriniň arçalarynyň bezegi, seýilgählerdedir binalarda gurnalan «Täze ýylyňyz gutly bolsun!» diýen ýazgylary göreniňde-de baýramçylyk ruhunyň halkymyza paýlaýan şatlygyny duýmak bolýar.

Bütin dünýäde dabaraly bellenilip geçilýän Täze ýyl biziň ýurdumyzda-da uly ruhubelentlige eýedir. Welaýatlarymyzda arçalaryň dikilmegi, onuň daşynda bolsa çaga gülki sesleriniň belentden ýaňlanmagy göreni guwandyrýar. Bularyň ählisini birikdirýän Baş arçamyzyň gözel paýtagtymyzyň «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňünde alyslardan seleňläp görünmegi, bäş welaýatymyzy agzybir ýagdaýda saklaýan mysaly durmagy göwnüňi göterýär. Baş arçamyzyň daşynda çagalaryň Aýazbabadyr Garpamyk bilen aýdym, goşgy aýdyp, tans edip aýlanmaklary ýurdumyzyň bagtyýarlygyny, abadançylygyny üpjün edýär.

Gijelerine Aşgabadyň görküne görk goşýan bezeg çyralary ajaýyp sazlaşygy döredýär. Ak garyň ýagan günlerinde bolsa bu gözelligi görmäge göz gerek. Älem giňişliginden seretseň, Türkmenistanyň saçýan şuglasyny Günüňki bilen deňemek bolýar. Türkmenistan — bagtyýar halkyň ýurdy. Täze ýylyň ýokary derejede bellenilmegi halkymyzy täze ösüşlere ruhlandyrýar. Biz 2025-nji ýylyň düşümli bolmagyny, döwletimiziň ähli ugurlarda üstünliklere beslenmegini tüýs ýürekden arzuw edýäris!

**Gülşat GARABAÝEWA,**
**TDBSI-niň sagaldyş işi hünäriniň talyby.**

# TÄSIN BEZEGLI AGAÇ

☑ Täze ýylyň bezegi hasaplanýan arça agajy özboluşly aýratynlyga eýedir. Arça agajy pürli agaçlara degişli bolup, ol topragyň guraklygyna çydamly agaçlaryň biridir. Arça agajyna köp suw bermek onuň guramagyna getirip biler, şonuň üçin ony topragyň ýagdaýyna görä suwarmak maslahat berilýär. Arça agajy, esasan, ýagtylykda gowy ösýär, ýöne onuň kölegäni halaýan görnüşleri-de duş gelýär. Şonuň üçin olaryň ýagtylyga bolan islegleri görnüşlerine görä üýtgäp durýar. Arça agajy diňe bir täze ýylyň bezegi hökmünde bezeg maksady bilen ulanylman, eýsem, ol dermanlyk üçin hem giňden peýdalanylýar. Lukmanlaryň bellemegine görä, arça agajynyň gozasy peşew çykaryjy, gakylyk goparyjy häsiýetlere eýedir. Onuň pürleri bolsa mikroorganizmleri öldürmäge ukyplydyr. Arça agajynyň pürleriniň hoşboý ysyndan kosmetika senagatynda atyr öndürmekde hem giňden ulanylýar.

Arça agajy uzak ömürliligiň nyşany hökmünde dünýäde giňden tanalýar. Ol, hakykatdan hem, uzak ýaşaýan agaçdyr. Onuň ömrüniň dowamlylygy 300-400 ýyl, hat-da müň ýyla golaý ýaşaýanlary hem duş gelýär. Munuň sebäbi arça agajy gaty haýal ösýär. Türkmenistan ýurdumyzda arça agajynyň 600 ýyla golaý ýaşan görnüşlerine duş gelmek bolýar. Arça agajyndan hojalyk enjamlaryny ýasamakda, esasan hem, mebel ýasamakda giňden peýdalanýarlar.

Arça agajy ýylyň dört paslynda ýaşyl öwsüp oturýanlygy bilen tapawutlanyp, Täze ýyl baýramçylygyň bezegi hökmünde ulanylýar. Arça agajyny dürli oýnawaçlardyr jäjekler bilen bezemek däbe öwrülen. Her Täze ýyl baýramçylygynda arçany bezäp, Aýazbabadyr Garpamyk bilen bilelikde çagalar onuň daşyndan aýlanýarlar. Arça agajy her bir öýde Täze ýylyň nyşany hökmünde bezelýär.

**Gülşat NURMEDOWA,**
**Köneürgenç etrabynyň daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 59-njy orta mekdebiň biologiýa-himiýa mugallymy, TMÝG-niň işjeň agzasy.**

# EDEBI MIRAS

☑ Bagtyýar türkmen halky bu gün beýik akyldar, şirin dilli söz ussady Magtymguly Pyragynyň arzuwlan zamanasynda nusgawy şahyryň döredijiligine, edebi-mirasyna uly sarpa goýup, ýaşaýar, döredýär, gurýar.

Magtymguly baý many-mazmunly şygyrlary bilen türkmen we dünýä edebiýatynyň ösmegine uly goşant goşan beýik akyldardyr. Türkmen halkynyň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy umumadamzat şahyry hökmünde dünýäniň genji-hazynasyna ady giren beýik söz ussadydyr. Magtymgulynyň şygryýet dünýäsi türkmen nusgawy edebiýatynyň berk binýadyny tutmakda möhüm ähmiýete eýedir. Ol özüniň mertlik, watançylyk, rehimdarlyk, ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýaly pikirleri bilen ynsan kalbynda müdimilik orun aldy. Onuň adamzadyň ýaşaýyş-durmuşynda zerur bolan ahlaky pikirleri her döwürde-de öwrenilmäge we dowam etdirilmäge mynasyp bolan uly terbiýeçilik ähmiýetli mekdepdir. Magtymguly Pyragynyň il-ulsy agzybirlige, bir bitewi döwletlilige çagyrýan ajaýyp şygyrlary halkynyň ýürek arzuwyna eýlenen hoş owaz bolup, älem-jahana aýlanýar.

Gözel Diýarymyzda Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy hertaraplaýyn öwrenilip, ony geljek nesillerimize ýetirmek we dünýä ýaýmak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Munuň şeýledigine akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyz Aşgabadyň gözel künjeginde, Köpetdagyň eteginde türkmeniň beýik ogly, Gündogaryň meşhur akyldary Magtymguly Pyragynyň ajaýyp heýkeliniň we nusgawy şahyryň adyny göterýän medeni-seýilgäh toplumynyň açylyp ulanylmaga berilmegi aýdyň şaýatlyk edýär.

Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan 2024-nji ýylyň «Türki dünýäsiniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edilmegi, Magtymgulynyň golýazmalar toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygynyň ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçilýän şanly seneleriň sanawyna goşulmagy nusgawy şahyrymyzyň döredijiliginiň dünýä derejesinde ykrar edilýändiginiň aýdyň güwäsidir.

**Aýlar BEGJIKOWA,**
**Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.**

**Adatça, adam ýylyň tamamlanyp barýan pursatlarynda özünde, ömründe bolan özgerişlere ser salýar. Bu syýasy nukdaýnazardan seredilende hem şeýle. Ýyllar döwrüň, döwletiň ösüşiniň, özgerişiniň ölçeg terezisi bolup hyzmat edýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen gülleýän Watanymyzda ýyllar ynsan ruhuna nur çaýyp, türkmeniň beýik adyny äleme ýaýyp gelýär. Beýik üstünliklere, şan-şöhrada beslenip hem tamam bolýar.**

**Gahryman Arkadagymyzyň adybir şygryndan ruh alyp, halkymyzyň arzuw-isleglerini nazarda tutup, 2024-nji ýyla «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip at berildi.**




# ARKADAGLY SERDAR, EZIZ ARKADAG, SIZ BILEN BAGTLY, BUÝSANÇLY DIÝAR

☑ «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýen şygar bilen tamamlanyp barýan ýylymyzda halkymyzyň hem döwletimiziň durmuşynda bolup geçen şanly wakalar bütin dünýä şygra, söze çäksiz hormat bilen garaýan türkmen milletiniň ýüreginiň ülşüni, kalbynyň owazyny, ynsanperwerligiň howasyny paýlady. Bu ýyl danalygyň altyn täji saýylýan, hazynaly huma, göwher genje deňelip söýülýän Magtymguly Pyragynyň dünýe içre dabaralanýan ýyly boldy. Bu beýik ägirdiň hormatyna dikilen beýik heýkeliň dünýäniň ýüzünde şahyryň hormatyna dikilen iň uly heýkel bolmaklygy hem şahyra goýulýan sarpany aýdyňlygy bilen subut edýär.

2024-nji ýyl türkmen halky üçin şa serpaýlaryň ýyly boldy diýsek dogry bolar. Çünki kitapdan uly sowgat, kitapdan gymmat hazyna ýokdur. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alan medeniýet» atly kitaby türkmen taryhynyň beýik döwri bilen dünýäniň ylmy jemgyýetçiligini giňden tanyşdyran bolsa, Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly ajaýyp eseri älem-jahana täze ylmy, pelsepewi we taryhy dünýägaraýşy bagyş etdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Magtymguly geçmişiň, şu günüň we geljegiň şahyrydyr» diýip belleýşi ýaly, bu ajaýyp eserler hem türkmen halkynyň geçmişiniň, şu gününiň we nurana geljeginiň eserleridir. Türkmen öz danalaryny beýgeldip, beýge galýar. Bu gün türkmen halky Gahryman Arkadagynyň dowamat arygyndan bagtly günleriniň, eşretli eýýamynyň ruhy teşneligini gandyrýar. Bu gün türkmen milleti özüniň «türkmençilik» diýlip atlandyrylýan ynsanperwerlik ýörelgesini eziz Arkadagynyň, Arkadagly Gahryman Serdarynyň döwet galamyndan çykýan ganatly eserleri bilen, adalata, sahabata ýugrulan beýik syýasaty bilen äleme ýaýýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip atlandyrylan şu ajaýyp ýylda maňa hem ýüzlerçe ildeşlerimiz bilen bir hatarda hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna eýe bolmak bagty miýesser etdi. «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýadygärlik nyşany bilen sylaglanmak, belkem ömrümiň iň bagtly pursatlary hökmünde ýadymda galar. Çünki beýiklige dahylly bolmak beýgelmekdir. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň mizemez berkararlygy, hakyky bagtyýarlygy alamatlandyrýan ajaýyp döwri — Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri ýyllaryň ýylylygyny halkynyň göwnünde Güneş kimin nurlandyrýar. Ykballara şan berýän pursatlary duýmaklygyň bagtyny hiç zat bilen deňäp bolmaz. Bu pursatlary diňe ýaşamaly. Bize döwletiň, döwrüň ynamy bilen ak ertirler üçin ylham berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň waspyny ýürekden çykan goşgy setirleri bilen beýan edýäris:

**Döwlet tapdyk döwletiňden,**
**Sahabatdyr serpaýyňyz.**
**Döwrüňizde ýaşamaklyk,**
**Ykbaldan ajap paýymyz.**

**Magtymgulyň hormatyny,**
**Halk hormaty diýip bilen.**
**Nesilleriň ýüregine,**
**Söze hormat guýup bilen.**

**Goşa çyrag, goşa çynar,**
**Saýasy Siz şu Diýaryň.**
**Dowamata dowam bolup,**
**Hasyl etdiňiz Watanda,**
**Pederleň arzuw-hyýalyn!**

**Mertebeli menzillerde,**
**Müberekdir Şa gadamy.**
**Uzak ýaşaň, baky ýaşaň,**
**Bagtly edip il, Watany.**

**Goý, şanyňyz ýetsin herne,**
**Gögüň Güneşi, Aýyna.**
**Arkadagly Serdarymyz,**
**Sag boluň, Şa serpaýyna!**

**Gülşirin HANOWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň mugallymy.**

# TÄZE ÜSTÜNLIKLERE RUHLANDYRDY



☑ Yhlasly çeken zähmetiňe belent sarpa goýulýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde ýaşamak, işlemek, döretmek — tapylgysyz bagt. Bilim ulgamynda çeken 50 ýyldan gowrak zähmetim, şeýle hem dana akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýaş toýy mynasybetli «Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglanmagym meni täze döredijilik ruhuna besledi.

Meniň asly hünärim — türkmen dili we edebiýaty mugallymy. Biregne ençe ýyllar Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 27-nji orta mekdepde türkmen dili hem-de edebiýat dersleri boýunça ýaş nesle bilim bermek bilen, Watana wepaly, zamanabap hünär eýeleri bolan ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek ugrunda okuw-terbiýeçilik we ylmy-usuly başlangyçly işlere, okuw-usuly gollanmalary, okuw maksatnamalaryny, okuw kitaplaryny ýazyp taýýarlamaga yzygiderli goşant goşup geldim. Dana Magtymguly Pyragynyň edebi-pelsepeleýin döredijiligi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň çuňňur zamanabap manymazmuna eýlenen eserleri bilen birlikde biziň şu günki we geljekki bagtyýar durmuşymyzyň maddy-ruhy binýatlaryna çuňňur düşünmäge mynasyp gollanma bolýar.

Şundan ugur alyp, men jemlenip barýan «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Aşgabat şäher Baş bilim müdirliginiň ulgamynda yzygiderli okuw-usuly işleri alyp bardym we paýtagtymyz we döwletimiz derejesinde guralýan iri ylmy-amaly maslahatlara işjeň gatnaşdym.

Men ujypsyzja zähmetime şunuň ýaly belent baha beren Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza wepaly raýatlyk ýüregimden joşup çykýan çuňňur hoşallyk duýgularymy we alkyşlarymy beýan edýärin. Gahryman Arkadagymyza, döwlet Baştutanymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýärin.

**Mähek NURALYÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen**
**27-nji orta mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.**

# MUGALLYM — NESILLERIŇ ÇYRAGY

☑ Mugallym... Bu söz biziň kalbymyzda müdimi ýaşaýan, ruhumyzy göterýän we aňymyzy ösdürýän beýik düşünjedir. Edil Gün ýaly nurly, edil çeşme ýaly päk, edil dag ýaly belent bu hünär eýeleri jemgyýetimiziň binýadyny berkidýän esasy daýançdyr. Her bir mugallym — ylym we bilim dünýäsiniň nurly çyrasy. Olar öz şägirtleriniň ýüreginde ylmyň, bilimiň we döredijilik ruhunyň otlaryny ýakýarlar. Bu çyra näçe ýagty bolsa, şägirtleriň geljegi hem şonça ýagty bolar. Mugallymyň eli bilen ýakylan ylym çyrasy nesilleriň aňynda müdimi ýanýan çyra öwrülýär.

Mugallym diňe bir sapak öwredýän däl, eýsem, şägirtleriniň ruhy dünýäsini baýlaşdyrýan, olaryň aňyna täze gözellikler siňdirýän şahsyýetdir. Edil bagban öz bagyndaky her bir nahala aýratyn üns berşi ýaly, mugallym hem her bir şägirdiniň özboluşly taraplaryny ýüze çykaryp, olary ösdürýär. Mugallymlar jemgyýetiň esasy sütünleridir. Olar diňe bir bilim bermän, eýsem, medeniýetimiziň, ruhy gymmatlyklarymyzyň we milli mirasymyzyň goragçylarydyr. Her bir mugallym, öz şägirtleriniň üsti bilen geljek nesillere bu gymmatly mirasy geçirýär. Edil ökde heýkeltaraş daşdan owadan heýkel ýonup çykarşy ýaly, mugallymlar hem her bir şägirdiň içindäki zehin gözelliklerini ýüze çykarýarlar. Olar şägirtleriniň diňe bir aňyny däl, eýsem, häsiýetini, ahlak derejesini we ruhy dünýäsini hem kämilleşdirýärler.

Mugallymlar geçmiş bilen geljegiň arasynda köpri bolup hyzmat edýärler. Olar öňki nesilleriň toplanan tejribesini, bilimini we paýhasyny indiki nesillere geçirýärler. Bu köpri näçe berk bolsa, jemgyýetiň geljegi hem şonça ygtybarly bolar. Her bir mugallym, edil çeper suratkeş ýaly, şägirtleriniň kalbynda döredijilik duýgularyny oýarýar. Olar her bir şägirdiň içindäki ukyby görüp, ony ösdürmäge kömek edýärler. Mugallymyň eli bilen ýazylan her bir harp şägirdiň kalbynda ömürlik yz galdyrýar.

Mugallym diňe bir bilim beriji däl, eýsem jemgyýetiň ruhy ýolbaşçysydyr. Olar öz şägirtleriniň aňyna diňe bir ylmy maglumatlar däl, eýsem, durmuş tejribesini, ahlak gymmatlyklaryny we ruhy baýlyklary hem siňdirýärler. Her bir mugallym, edil ökde bagban ýaly, öz şägirtleriniň kalbynda ýagşylygyň, dogruçyllygyň we adalatlylygyň tohumlaryny ekýär. Bu tohumlar wagtynda gögererler we jemgyýetiň ruhy sagdynlygyny üpjün ederler.

Mugallymlar geljegiň binagärleridir. Olar öz şägirtleriniň üsti bilen geljek jemgyýetiň binýadyny tutýarlar. Her bir sapagy, her bir öwreden sözi — geljek jemgyýetiň düýp daşlary. Edil ökde gurluşykçy ýaly, mugallymlar hem şägirtleriniň durmuş ýolunda berk binýat goýýarlar. Bu binýat näçe berk bolsa, jemgyýetiň geljegi hem şonça ygtybarly bolar.

Mugallymlyk — beýik bir borç. Bu borjy ýerine ýetirmek üçin uly söýgi, tükeniksiz sabyr-takat we çäksiz jogapkärçilik gerek. Her bir mugallym öz şägirdiniň geljegine, bütin jemgyýetiň geljegine jogapkärdir. Mugallymlar — jemgyýetimiziň iň gymmatly hazynasy. Olaryň eli bilen ýazylan her bir harp, aýdylan her bir söz, berlen her bir sapak geljegiň binýadydyr. Olar nesilleriň ruhy ýolbaşçysy, ylym çyrasynyň ýakyjysy we jemgyýetiň binýadyny berkidýän esasy güýçdür.

Mugallymlaryň jemgyýetdäki orny hiç bir zat bilen deňäp bolmajak derejede ýokarydyr. Olar diňe bir bilim bermän, eýsem, adamzat jemgyýetiniň ruhy baýlyklaryny, medeni gymmatlyklaryny we ahlak ülňülerini hem gorap saklaýarlar we indiki nesillere geçirýärler. Şonuň üçin her bir mugallym hakyky gahrymandyr, jemgyýetiň çyrasydyr we geljegiň binagäridir.

**Arazdurdy GOŞJANOW,**
**Balkan welaýatynyň Etrek etrabynyň 5-nji orta mekdebiniň mugallymy, TMÝG-niň işjeň agzasy.**

# FESTIVE CONCERT IN ASHGABAT



☑ A festive concert, marking International Day of Neutrality and the 29th anniversary of the status of permanent neutrality of Turkmenistan, was held in Ashgabat. The President of Turkmenistan attended the festive event.

The programme of the concert included the performances by renowned artists and young popular singers from all over the country. The vocalists sent their happy holiday greetings to the audience and performed folk and contemporary songs about love, friendship and the beauty of the surrounding world in the Azerbaijani, English, Armenian, Indian, Kazakh, Kyrgyz, Russian, Tajik, Turkish and Uzbek languages. Their songs and melodies were accompanied by dances and rewarded with thunderous applause. The diverse programme featured a variety of genres and premieres, illustrating the continuity of national artistic traditions.

After the concert had concluded, President Serdar Berdimuhamedov congratulated once again those present on International Day of Neutrality and left the venue.

**Translated by Serdar AKGAEV,**
**A lecturer, S. A. Niyazov Turkmen Agricultural University**

# ÝOLUMYZ ASUDA — ILIMIZ ABADAN

☑ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan ýurdumyz özüniň ösüş derejelerini barha ýokarlandyrýar. Ýurdumyzda asuda, abadan ýaşamak maksady bilen edilýän işleriň sany juda kän.

Täze ýyl baýramçylygynyň bellenilýän günlerinde ýurdumyzyň görkana ýollarynda hereket howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça wagyz-nesihat çäreleri, duşuşyklardyr maslahatlar yzygiderli geçirilýär. Şeýle wagyz-nesihat duşuşyklaryň biri hem «Ýolumyz asuda – ilimiz abadan» şygar bilen Baýramaly şäheriniň bilim bölüminde geçirildi. Oňa Baýramaly şäher PB-niň PÝGB-niň, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň, Baýramaly şäher bilim bölüminiň wekilleri gatnaşdylar.

Täsirli geçen wagyz-nesihat duşuşygynyň dowamynda edilen çykyşlarda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen eziz Diýarymyzda Täze ýyl baýramçylygynyň dowam edýän günlerinde ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmek dogrusynda gürrüň etdiler. Çykyşlarda bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzda ýol-ulag düzümini döwrebaplaşdyrmak, giň we şaýollary emele getirmek döwlet syýasatymyzda ileri tutulýan ugurlaryň birine öwrüldi.

Häzirki wagtda ýollarda awtoulag serişdeleriniň hereketiniň ýygjamlaşýandygynyň köçe-ýol hereketiniň howpsuzlygyna ünsüň güýçlendirilmegini talap edýändigini, ýollaryň hadysasyz bolmagy üçin diňe sürüjiler däl, eýsem pyýadalaryň hem jogapkärçilik çekýändiklerini, şonuň üçin ýol hereketiniň howpsuzlyk düzgünlerine berk eýermegiň möhümdigini nygtadylar.

**Şöhrat ÝOLMYRADOW,**
**Baýramaly şäher PB-niň PÝGB-niň Ýol hereketini gurnamak boýunça inženeri, polisiýanyň uly leýtenanty.**

# DOSTLUKLY DÖWLETIŇ SERGISI

☑ Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda Eýran Yslam Respublikasynyň «Iran Agrofood» atly ýöriteleşdirilen sergisi, şeýle hem onuň çäklerinde türkmen-eýran işewürlik maslahaty geçirildi.

Häzirki wagtda Türkmenistan sebitiň ýurtlary bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär. Şunda goňşy Eýran Yslam Respublikasyna möhüm orun degişlidir. Sergide azyk önümçiligine uly orun berlipdir. Şolaryň hatarynda «Ashuradeh Dairy», «Golestan Sabah Dairy» kompaniýalary dürli görnüşli süýt önümleri bilen tanyşdyrdylar. «ATP Group» kompaniýasynyň gazlandyrylan içgileri, şokoladly we süýji önümleri, «Mashhad Asana Behrouz» kompaniýasynyň gaplama we konserwirlenen önümleri, dürli miwelerden taýýarlanan mürepbeleri sergä gatnaşyjylaryň ünsüni çekdi. «Behchino» kompaniýasynyň dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan



melhemlik içgileridir çaýlary-da myhmanlarda uly gyzyklanma döretdi.

Oba hojalyk tehnikalaryny we enjamlaryny öndürmek bilen meşgullanýan kärhanalaryň, şol sanda «Sandan Farming Machinery» kompaniýasynyň, çörek we konditer önümlerini taýýarlamak üçin enjamlaryň önümçiligi, import bilen meşgullanýan «Mashad Baking Industries» kärhanasynyň diwarlyklarynyň ýany hem köp adamly boldy.

Sergi meýdançasy türkmen-eýran hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de işjeňleşdirmegi, täze özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmagy maksat edinýän işewürlik duşuşyklarynyň we gepleşikleriň geçirilýän ýerine hem öwrüldi.

Günüň ikinji ýarymynda bu ýerde türkmen-eýran işewürlik maslahaty geçirildi. Forumyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar iki ýurduň ykdysady kuwwaty hem-de hyzmatdaşlygyň geljegi barada pikir alyşmaga döredilen mümkinçilik üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Serginiň ikinji gününde eýran kompaniýalarynyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk boýunça taslamalarynyň tanyşdyrylyş çäreleri geçirildi.

**Nasiba MAŞARIPOWA,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.**

# SPORT. DOSTLUK. BAGTYÝARLYK.

☑ Balkanabat şäheriniň Gumdag şäherçesiniň 6-njy we 7-nji sport mekdepleri bilen bilelikde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Balkanabat şäher Geňeşi «Sport biziň saglygymyzdyr» ady bilen milli göreş boýunça Gumdag şäherçesiniň sport mekdepleriniň türgenleriniň arasynda birinjilik geçirdi. Ýaryşda 1-nji orna Kuwwat Baýramdurdyýew, 2-nji orna Jeýhun Söýünmämmedow, 3-nji orna Kakyş Seýidow mynasyp boldy. Ýaryşda ýeňiji bolanlara Gumdag şäherçesiniň 6-njy sport mekdebiniň Hormat hatlary we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Balkanabat şäher Geňeşiniň ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

**Arazguly DÜWLENOW,**
**Balkanabat şäheriniň 6-njy sport mekdebiniň Milli göreş boýunça tälimçi-mugallymy.**

☑ Sport we sagdyn durmuş ýörelgeleri adamyň beden hem-de ruhy taýdan sagdyn, berk bedenli bolmagy üçin ýakyndan ýardam edýär. Ir säher bilen arassa howadan dem almak, beden maşklaryny ýerine ýetirmek her bir adamyň ýaşaýşa bolan söýgüsiniň artmagyna, keýpiçaglygyň, ruhubelentligiň kemala gelmegine getirýär. Bu bolsa adamzadyň ýaşaýşynyň ömür dowamlylygynyň uzamagyna uly itergi berýär. Sebäbi sport maşklary bilen meşgullanýan her bir adamyň bedeninde gan aýlanyşygynyň kadalaşmagyna, zyýanly duzlaryň bölünip çykmagyna getirip, ýüze çykyp biläýjek dürli keselleriň öňüni almaga peýda edýär. Şonuň üçin her bir adam sport bilen meşgullanmaga, öz saglygyny berkitmäge işjeň çemeleşmelidir.

Sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekanyna öwrülen eziz ýurdumyzda döredilip berilýän giň mümkinçiliklerden peýdalanyp, geliň, sport bilen meşgullanalyň, sagdyn bedenli, sagdyn ruhly ýaşlar bolup ýetişeliň!

**Azat MUHIÝEW,**
**TMÝG-niň Baýramaly etrap Geňeşiniň bölüm müdiri.**

☑ Balkan welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirligi Balkan welaýatynyň edara-kärhanalarynyň toparlarynyň arasynda futzal boýunça ýaryş geçirdi. 1-nji orna «Gumdag» topary, 2-nji orna «Adalat» topary, 3-nji orna «Balkanagyzsuw» topary mynasyp boldy. Ýaryşda ýeňiji bolan toparlara Balkan welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň Hormat hatlary we göçme kubogy gowşuryldy.

**Alym JEPBAROW,**
**Balkanabat şäheriniň 7-nji sport mekdebiniň direktory.**

☑ «Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly milli spartakiadanyň çäklerinde Balkan welaýatynyň edara-kärhanalarynyň arasynda woleýbol boýunça ýaryş geçirildi. Ýokary guramaçylykly we çekeleşikli geçen ýaryşda «Nebitgazçykaryş» trestiniň, Balkan welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň, Balkan welaýat Baş bilim müdirliginiň woleýbol toparlary baýrakly orunlara mynasyp boldular. Baýrakly orunlara mynasyp bolan toparlara Balkan welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň Hormat hatlary, TKA-nyň Balkan welaýat birleşmesiniň, TMÝG-niň Balkanabat geňeşiniň, TDP-niň Balkan welaýat komitetiniň ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

**Kuwwat BUGRAÝEW,**
**TKA-nyň Balkan welaýat birleşmesiniň hünärmeni.**

☑ 2024-nji ýyl Lebap welaýatynyň sport ulgamynda ýatdan çykmajak ýyllaryň biri boldy. Lebap welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň garamagyndaky Türkmenabat şäheriniň 4-nji sport mekdebiniň sportuň kuraş göreşi boýunça türgeni Wepa Awlýakulyýew, Türkmenabat şäheriniň 3-nji sport mekdebiniň kik-boksing boýunça türgeni Serdar Bekenow, ýene-de şol mekdebiň agyr atletika boýunça türgeni Süleýman Jafarow, Türkmenabat şäheriniň 9-njy sport mekdebiniň kik-biksing boýunça türgeni Jasurbeg Ahmedow, Türkmenabat şäheriniň 13-nji sport mekdebiniň türgeni Aýa Baýramowa, Çärjew etrabynyň 1-nji sport mekdebiniň tälimçisi Aýşirin Çaryýewa hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp bolan, welaýatymyzyň sport abraýyny ýene bir gez belende galdyran ussat türgenlerimizdir.

**Neýmatjan ISMAILOW,**
**Türkmenabat şäheriniň 13-nji sport mekdebiniň müdiri.**

☑ Kaka etrabynyň sport mekdebinde basketbol boýunça ýaryş geçirildi. Sport mekdebiniň birinjiligini almak ugrunda geçirilen ýaryşa oglanlardan düzülen toparlaryň birnäçesi gatnaşdy. Ýaşlar öz aralarynda geçiren çekeleşikli duşuşyklary arkaly sagdyn durmuş ýörelgelerine berk eýerýändiklerini, sportda barha taplanýandyklaryny aýan etdiler. Basketbol ýaryşynda sport mekdebiniň basketbol boýunça tälimçileri Çaryýar Atakowyň we Muhammetemin Gurbanowyň şägirtleri baýrakly orunlary eýelediler. Ýeňijilere sport mekdebi tarapyndan Hormat hatlary gowşuryldy.

**Gülnabat PENAÝEWA,**
**Kaka etrabynyň sport mekdebiniň müdiriniň orunbasary.**

# GYŞ PASLYNDA DOGRY IÝMITLENMEK

☑ Gök önümler sagdyn iýmitlenmegiň iň möhüm bölekleriniň biridir. Olaryň düzüminde witaminler, minerallar we antioksidantlar ýaly peýdaly maddalar köp. Esasanam, gyş paslynda gök önümleriň peýdasy has uludyr, sebäbi olar bedeni witamin ýetmezçiliginden goraýar we immuniteti güýçlendirýär. Gyş paslynda adam bedeni Gün şöhlesiniň we hereketiň ýetmezçiliginden ejir çekýär. Bu ýagdaý immunitetiň peselmegine, nerw ulgamynyň gowşamagyna we umumy saglyk ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirip biler. Gök önümler bolsa şeýle meseleleriň öňüni almakda uly kömek berýär.

Şugundyr — saglyk üçin örän peýdaly bolan gök önüm. Onuň düzüminde organizm üçin zerur bolan köpsanly witaminler, minerallar we antioksidantlar bar. Şugundyr diňe bir iýmitde ulanylyp, bedeniň işini kadalaşdyrman, eýsem, köpsanly keselleriň öňüni almakda hem uly ähmiýete eýedir.

Şugundyryň düzümindäki nitratlar gan basyşyny kadalaşdyrýar we damarlary giňeldýär. Bu ýürek-damar keselleriniň howpuny azaldýar. Şugundyrda köp mukdarda demir we folat kislotasy bar. Olaryň ikisi hem ganazlygyň öňüni alýar we bedendäki gan öýjükleriniň öndürilmegine ýardam edýär. Şugundyryň kaliý we magniý bilen baý düzümli bolmagy ýürek urşuny kadalaşdyrýar we damarlaryň saglygyny üpjün edýär. Ol tebigy detoksikasiýa serişdesi bolup, bagryň arassalanmagyna we bedeniň toksinlerden saplanmagyna kömek edýär. Şugundyryň düzümindäki tebigy şeker we antioksidantlar bedeniň energiýa derejesini ýokarlandyrýar.

**Sona DÖWLETOWA,**
**M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Endokrinologiýa kafedrasynyň assistenti.**

# TÜRKMEN DÖWLET BEDENTERBIÝE WE SPORT INSTITUTY

# ABRAÝLY HALKARA BIRLEŞIGIŇ AGZALYGYNA KABUL EDILDI

☑ 2024-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Almaty şäheriniň Gazak sport we syýahatçylyk akademiýasynda Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriniň halkara birleşiginiň nobatdaky mejlisi geçirildi. Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriniň halkara birleşiginiň çözgüdi bilen Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty abraýly halkara birleşigiň agzalygyna resmi taýdan kabul edildi. Degişli şahadatnama Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriniň halkara birleşiginiň ýolbaşçysy K.Zakirýanow tarapyndan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutyna wekilçilik edýän Talyplar sport klubunyň başlygy, Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasynyň baş kätibi S.Gurdowa dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Bedenterbiýe we sport uniwersitetleriniň halkara birleşigi (International Association of Universities of Physical Culture and Sport) dünýä jemgyýetçiliginiň öňdebaryjy 60-dan gowrak bedenterbiýe we sport ugurly ýokary okuw mekdeplerini özüne birleşdirip, bilelikde ylmy-barlag işleri geçirmek hem-de halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek maksady bilen döredilendir.



Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň abraýly halkara birleşigiň agzalygyna kabul edilmegi bedenterbiýe we sportda dünýäniň ösen tejribesiniň, innowasion tehnologiýalaryň hem-de häzirki zaman ylmynyň gazananlarynyň netijeli öwrenilmegi üçin möhümdir.

Bedenterbiýe we sportda innowasion tehnologiýalara daýanyp, ylmy esasda türgenleri taýýarlamakda, ylym-bilim babatda halkara tejribesini öwrenmekde döredilýän giň mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys.

**Arslan MYRADOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Ylym bölüminiň hünärmeni.**

# DIL ÖWRENMEGIŇ ÄHMIÝETI

☑ Türkmen halkynda «Dil bilen dünýäni gezer» diýen söz bar. Şu nukdaýnazardan talyplarymyzyň diňe ene dili däl, eýsem daşary ýurt dillerini bilmegi häzirki zamanyň derwaýys meselesi bolup durýar. Ýokary bilimli hünärmenlerimiziň daşary ýurt dillerini bilmegi onuň öz hünäri boýunça ygtybarlylygyny kepillendirmek bilen bir hatarda, hökümetara gatnaşyklarda, mysal üçin, maslahatlarda, konferensiýalarda oňyn netijeler gazanmak üçin hem zerur şert bolup durýar. Şeýle-de, hünärmenlerimiziň daşary ýurtly hyzmatdaşlary bilen gepleşikleri gürrüňdeşiniň bilýän dilinde alyp baryp bilmegi, olaryň bilim derejesini, hünär ussatlygyny, medeniýetini hem-de türkmene mahsus bolan myhmana sylaghormatyny görkezýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda ýokary bilimli hünärmenleriň amala aşyrýan işi mähriban Watanymyza hyzmat etmekde we döwlet dolandyryşynyň döwrüň talabyna laýyklykda özgertmekde jemlenýär. Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzda döwlet dolandyryşynyň halkara tejribä laýyk guralmagyna aýratyn üns berýär. Netijede, döwletimizde dolandyryşyň ylmy we usulyýet binýady döredilýär. Şonuň esasynda bolsa, dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamagyň milli ulgamy kemala gelýär.

Dil islendik meselede akylly, oýlanyşykly pikir ýöredip bilýän şahsyýetiň kemala gelmeginde esasy serişde bolýar. «Köp dil bilen köp adam» diýlişi ýaly, dünýä halklarynyň durmuşyny, medeniýetini öwrenmäge, bilim baýlygyň artmagyna, düşünjäň giňemegine ýardam berýär.

Dil öwrenmegiň dürli usullary bar. Şunda ylmy edebiýatlara, sözlük kitaplaryna uly ähmiýet hem berilýär. Talyplarymyz sözlükler arkaly ukyp-başarnyklaryny ösdürýärler. Olar özara söhbetdeşlik esasynda hem dil baýlygyny artdyrýarlar. Olar üçin sözleriň asyl manysy, mazmuny we ulanylyşy bilen içgin tanşyp, dünýä ülňülerine laýyk gelýän söz baýlygynyň bolmagy hünär medeniýetiniň esasy görkezijisidir. Önümçiligiň innowasion tehnologiýalar esasynda guralmagy, bazar ykdysadyýeti şertleri, durmuş özgertmeleri hünärmenlerden edep-ekramly, medeniýetli, sowatly sözleýişi talap edýär.

Okuw maksatnamalaryna talyplara häzirki zaman işewür iňlis diliniň gepleýiş medeniýetini öwretmek, ony kämilleşdirmek, dolandyryş işlerinde daşary ýurtly kärdeşleri bilen ýüze çykýan meseleleri ara alyp maslahatlaşmak wezipeleri girýär. Ýokarda agzalan kanunçylyk namalary bolsa okadylýan dersleriň ähmiýetini has-da ýokarlandyrmaga, döwrebap hünärmenleri taýýarlamakda netijeli usullary ornaşdyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

**Gurbangeldi NOWRUZOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Diller kafedrasynyň mugallymy.**

# BEÝIK IŞLER

☑ Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary bilen hem-de hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde döwletimizde döwrebap gümrük nokatlary emele gelýär. Täze gurulýan hem-de düýpli durky täzelenýän gümrük nokatlaryna döwrebap barlag enjamlary, sanly ulgamyň mümkinçilikleri giňden ornaşdyrylýar. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmäge hem-de gümrük işini halkara derejelerine laýyklykda amala aşyrmaga uly mümkinçilik bolup durýar. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hem Döwlet gümrük gullugynyň düzümlerinde ençeme täze binalar we desgalar açyldy. Lebap welaýat gümrükhanasynyň işgärleri üçin niýetlenilen ýaşaýyş jaýy Türkmenabat şäherinde, Balkan welaýat gümrükhanasynyň harby gullukçylary üçin niýetlenilen döwrebap gulluk ýaşaýyş jaýy Türkmenbaşy şäherinde guramaçylykly açylyp ulanylmaga berildi. Şeýlede «Farap awtoýollary» gümrük nokadynyň durky düýpli täzelenip, bu ýerde ençeme täze binalar we desgalar toplumy dabaraly ýagdaýda açylyp ulanylmaga berildi.

Häzirki wagtda hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary bilen, ýene-de birnäçe gümrük edaralarynda gurluşyk işleri mynasyp alnyp barylýar. Bu bolsa harby gullukçylaryň işlerini ýokary derejede ýerine ýetirmegine, ýurdumyzyň üstaşyr mümkinçilikleriniň ýokarlanmagyna uly itergi berer.

Şeýle amal edilýän beýik işler, harby gullukçylara döredilýän mümkinçilikler biz Watan goragçylarynyň buýsançly başlaryny göge ýetirýär. Şeýle asuda Watanyň gümrük gullukçysy hökmünde zähmet çekmek, harby gullugyňy üstünlikli berjaý etmek uly mertebe hem buýsançdyr. Biz Watan goragçylaryna ähli döredýän mümkinçilikleri we şertleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Belent Serkerdebaşymyza köp sagbolsun aýdýarys. Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Gurbannazar KAKYŞEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň harby gullukçysy, maýor.**

# BAÝRAMÇYLYK HARYTLARYNYŇ BOLÇULYGY



☑ Türkmenistanda Täze ýyl baýramy döwlet derejesinde şatlyk-şowhun bilen bellenilip geçilýär. Halkymyzda toý-baýramlara, şanly senelere taýýarlykly barmak, baýramçylyk saçaklaryny dürli naz-nygmatlar bilen bezemek asyrlardan dowam edip gelýän asylly däbimizdir. Täze ýyl baýramy mynasybetli söwda nokatlarynyň halkyň sarp edýän gündelik harytlary, Täze ýyl sowgatlary we beýleki önümler bilen has-da baýlaşmagy bereketli türkmen saçaklarynyň bolçulygyny öňküden-de artdyrýar. Ak bazarlarymyzda dürli harytlaryň bolçulygynyň bolmagy merdana halkymyzyň Täze ýyly ýokary derejede garşy almagyna uly mümkinçilik berýär.

Häzirki günlerde paýtagtymyzyň, Arkadag şäheriniň we ýurdumyzyň welaýatlarynyň ak bazarlarynda we söwda merkezlerinde baýramçylyk söwdasy has-da gyzgalaňly dowam edýär. Türkmen telekeçilerimiz tarapyndan öndürilen dürli önümler bilen baýlaşan bazarlaryň häzirki günlerinde mähellesi has-da köpelýär. Bu görnüşler bolsa döwletimize we döwrümize bolan buýsanjymyzy artdyrýar.

Döwletli döwranymyzdaky şeýle haryt bolçulyklary ata Watanymyza ösüşleriň ýardygynyň, ýurt başynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bardygynyň, her täze günüň bagtyýarlygy, asudalygy, agzybirligi buşlaýan nurdugynyň subutnamasydyr. Täze ýyl baýramynyň golaýlaýan günlerinde ak bazarlardaky we söwda nokatlaryndaky harytlaryň bolçulygy bagtyýar ildeşlerimiziň durmuşyna bagt nuruny çaýýan Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwerlige ýugrulan sözleriniň dabaralanmasydyr.

Il bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, tutýan tutumly işleri rowaç bolsun!

**Taňryberdi HOJAGULIÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Daşoguz welaýat gümrükhanasynyň harby gullukçysy, uly leýtenant.**

# TÄZE ÝYL ARÇASY




☑ Täze ýylyň äleme çaýýan gözelligini ynsan eli bilen döredilen täsinlik hökmünde garap bolýar. Täze ýyl entek gelmänkä ähli ýerleriň bezelmegi baýramçylyk ruhunyň bütin adamzadyň kalbyna ornandygyny görkezýär. Ýollaryň, seýilgähleriň, öýleriň çyralardyr zerler bilen bezelmegi Täze ýylyň şowhunyny has-da artdyrýar. Elbetde, baýramçylygyň ýakynlamagy bilen hemmeler, ilkinji nobatda, bezeg esbaplaryny taýýarlap, uly ruhubelentlik bilen işe başlaýarlar. Baýramçylyk bezegleri hakynda aýdanymyzda, Täze ýyl arçasyna uly orun degişlidir. Arça bezemeli bolsa, çagalar haýal etmän, ony bezeýärler. Arçadan asylgy oýnawaçlar depesindäki ýalpyldap nuruny saçýan ýyldyz oňa üýtgeşik bir öwüşgin çaýýar. Belki-de, çagalar üçin iň gyzykly we ajaýyp pursady onuň depesine ýyldyz dakmaly ýeridir. Arçanyň bezegi — çagalaryň sabyrsyzlyk bilen garaşyp, yhlas bilen ýerine ýetirýän işidir.

Täze ýyl arçasynyň döreýşi we näme üçin arçanyň baýramçylygyň baş nyşany hökmünde garaýandyklary barada taryhy maglumatlara salgylananymyzda, Täze ýyl arçasyny bezemek däbi 1512-nji ýylda başlanandygy hakynda çaklamalar öňe sürülýär. Germaniýaly Martin Lýuter gezelençde wagty gar bilen örtülen Täze ýyl arçasyny görendigi we ajaýyp görnüşe haýran galandygy barada rowaýat bar. Ol her kimiň bu täsinligi görmegini isläp, arçany öýüne getirip, otagyň basdyrmasynda oturdyp bezäpdir.

XV asyrda Liwoniýada (häzirki Estoniýanyň çäginde) garaýagyzlar Riweliň (häzirki Tallin) esasy meýdançasynda uly Täze ýyl arçasyny gurupdyr. Germaniýada Täze ýyl arçasyny kiçijik eşikler we mum şemleri bilen bezemek däbi bolupdyr. Olar Täze ýyl arçasyna başgaça «Klaus agajy» hem diýýärler.

Täze ýyl arçasy näme üçin bezelýär? Bu pikiriň nähili ýüze çykandygy barada täsin çaklamalara duş gelmek bolýar. Täze ýyl arçasynyň ýalpyldawuk galaýy asmak däbini düşündirýän bir rowaýat bar. Oňa görä, baýramçylyk arçasy üçin ýeterlik bezegleri bolmadyk köp çagaly bir garyp aýal ýaşan ekeni. Gijäniň dowamynda möýler arçanyň tikenli şahalaryny kerebi bilen örtüpdir. Aýal garyp bolsa-da, ähli zada örän mylaýym we mähirli çemeleşipdir. Ol çagalaryny üýşürip, demir galaýylary bölüp, olardan dürli şekilleri ýasap, arçadan asypdyr. Ol örän owadan bolupdyr. Bu däp hem şol günden başlanýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyzda Täze ýyl mynasybetli paýtagtymyz Aşgabadyň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biri bolan «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňünde ýurdumyzyň Baş arçasy dikildi. Onuň baýramçylyk çyralarynyň ýakylmagy hemmelere çäksiz mähir, şatlyk-şowhun paýlady.

**Oguljennet ÖWEZOWA,**
**S. A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.**




# TURKMENISTAN SOLEMNLY CELEBRATES INTERNATIONAL DAY OF NEUTRALITY

☑ The festive events marking International Day of Neutrality and the 29th anniversary of the status of permanent neutrality took place in Turkmenistan.

President Serdar Berdimuhamedov took part in the flower laying ceremony at the Monument to Neutrality that symbolises Turkmenistan's commitment to the ideals of peace and creativity.

Representatives of Mejlis and Halk Maslahaty, government members, heads of ministries and departments, ambassadors of Turkmenistan to foreign countries, heads of diplomatic missions and international organisations accredited in Ashgabat, the elders, members of public organisations and media representatives gathered in the square in front of the Monument to Neutrality.

President Serdar Berdimuhamedov laid a wreath at the foot of the monument. Following the President, the participants of the ceremony laid bouquets of flowers. After the official ceremony concluded, the President of Turkmenistan warmly bid farewell those present and left the venue.

International Day of Neutrality was celebrated in all the regions of the country on December 12.

**Translated by Sheker PERMANOVA,**
**A lecturer, of the Turkmen Agricultural University**

# RUHUBELENTLIK BAÝRAMY

☑ Täze ýyl — adamzadyň uly umyt bilen bir saçagyň başynda maşgala bolup, şatlyk-şowhun bilen belleýän baýramy. Adamlar gyş geldigi, Täze ýyla taýýarlyk görýärler. Gyş diýlende, ilkinji pikirlenýän zadymyz gar tozgalary, olar gyşyň bezegi. Çagalaryň ellerine elligini geýip, biri-birine gar zyňyşýan pursatlary, gör, nähili ajaýyp?! Olaryň sowukdan ýaňa çekgejikleridir ýaňaklary gyzarsa-da, oýun oýnap ýörişlerine sowugy unudýarlar. Sebäbi ýetip gelýän Täze ýylyň we gyşyň şowhuny çagalaryň tutuş bedenine nur çaýýar. Heý-de, mundan artyk bagt bolarmy?! Garyň akja reňki gijelerine -de gara tümlügi ýagtyldýan nur mysaly. Gijelerine gar ýaganda, gözýetime ilmeýän zatlaram görüp bolýar. Pederlerimizem ýöne ýere «Ak zat alnyňa ýagşy» diýip aýtmandyr-a.

Aklyk diýlende, ýene bir zat göz öňüme gelýär. At-owazasy bütin dünýä dolan, Aziýanyň merjen şäheri, görküni gözellikden alan paýtagtymyz Aşgabat bu gün dünýäniň nazarynda. Gar ýaganda şäheriň arçalarynyň üstünden garyň agram salyp, sallanyp duran pursatlary islendik ýazyjy-şahyry, suratkeşi, aýdymçyny, umuman, ähli döredijilik bilen meşgullanýan adamy joşdurman bilmeýär. Sazlaşyga seretseňiz-le, Aşgabadyň Täze ýyl baýramçylygyna beslenmegi toýuň şowhunyny has-da artdyrýar. Taýsyz gözellikler ynsanda begenç duýgularyny döredýär. Ak şäher aklyk bilen gurşalyp, baýramçylyk öwüşgini bilen halkyň kalbyna ornaýar.

Täze ýyl — maşgala baýramy. Indi her öýde, her ojakda baýramçylyk mynasybetli giňden ýazylan naz-nygmatly saçagyň başynda maşgala bolup, Täze ýyly garşy almak endige öwrüldi. Täze ýyl arçasyndan asylan owadan şarjagazlardyr oýnawaçlar baýramçylygyň özboluşly täsinligidir.

Täze ýyl — agzybirligiň baýramy. Adamlar Täze ýyl baýramçylygynyň ruhuny hemmelere paýlamak üçin, goňşygolamlar, dogan-garyndaşlar, dost-ýarlar birek-birek bilen mähirli gatnaşyklary pugtalandyrmak üçin myhmançylyga barýarlar. Bu agzybir gatnaşyklara hemmeler diýseň begenýärler. Dagy näme, Täze ýylyň gutlag sözlerini eşitmek, sowgat almak — baýramçylygyň iň ajaýyp pursatlary ahyry.

**Bekmyrat HALLYÝEW,**
**S.A.Nyýazow adyndaky**
**TOHU-nyň mugallymy.**



## AKYL-PAÝHAS OÝUNLARY BOÝUNÇA BÄSLEŞIK

S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda sportuň küşt, şaşka we düzzüm görnüşleri boýunça ýaryşlar geçirildi.

«Sagdyn durmuş ýörelgesi — bagtly geljegiň binýady» diýen at bilen guralan bu toplumlaýyn çäräniň maksady talyp ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmekden, ýaşlaryň fiziki işjeňligini ýokarlandyrmakdan, olaryň sagdyn we bagtyýar adamlar bolup ýetişmeklerini gazanmakdan ybarat boldy.

Ýaryşda küşt boýunça gyzlaryň arasynda birinji orna Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň topary, ikinji orna Türkmen döwlet binagärlik we gurluşyk institutynyň topary, üçünji orna Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň topary mynasyp boldy.

Oglanlaryň arasynda birinji orny Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň topary, ikinji orny Türkmen döwlet binagärlik we gurluşyk institutynyň topary, üçünji orny Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň topary eýeledi.

**Durdygözel AMANOWA,**
**TDBSI-niň Sportuň köpçülikleýin görnüşleri kafedrasynyň mugallymy.**

## KLUBLARYŇ TÄZELENEN REÝTINGI

UEFA Ýewropa klublarynyň täzelenen reýtingini hödürledi. «Sanawda birinji orny Angliýanyň «Mançester Siti» kluby eýeleýär. Ikinji orunda Madridiň «Realy», üçünji ýerde Mýunheniň «Bawariýa» kluby bar diýip», uefa.com habar berýär.

«Mançester Siti»; Madridiň «Realy»; «Bawariýa»; «Liwerpul»; «Roma»; «PSŽ»; «Çelsi»; «Borussiýa»; «Dortmund»; «Inter»; «Wilýarreal»; «Baýer»; «Mançester Ýunaýted»; «Barselona»; «Benfika»; «Portu»; «Atletiko»; «Arsenal»; «Leýpsig»; «Atalanta» we «West Hem».

Klublaryň möwsüm boýunça koeffisentleri olaryň Çempionlar ligasynyň, Ýewropa ligasynyň we Konferensiýalar ligasynyň häzirki ýaryşlaryndaky netijeleriniň esasynda hasaplanýar. Reýting soňky bäş möwsüme görä hasaplanyp, UEFA-nyň howandarlygyndaky ýaryşlarda bije atylan mahaly klublaryň ýerlerini kesgitleýär.

«Sanaw görkezijisi klub ýaryşlarynyň her tapgyryndan soň täzelenýär» diýip, sports.ru ýazýar.

## BIJE ÇEKIŞLIK DABARASY

2027-nji ýylda geçiriljek futbol boýunça Aziýa Kubogynyň bije çekişlik dabarasy Malaýziýa döwletiniň Kuala-Lampur şäherinde geçirildi. Bu bije çekişligiň netijeleri boýunça Futbol boýunça milli ýygyndy toparymyz «D» toparçada ýer aldy. Ýygyndy toparymyzyň bu Kubokda bir toparçada güýç synanyşjak garşydaşlary Taýland, Hytaý Taýpeýi we Şri-Lanka döwletiniň toparlary bolar.

Kubok ýaryşynyň final bölegi Saud Arabystanynda geçiriler.

**Agabaý AKMYRADOW,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## DÜNÝÄ ÇEMPIONATLARYNYŇ GEÇIRILJEK ÝURTLARY BELLI BOLDY

Halkara futbol federasiýasynyň (FIFA) 11-nji dekabrda geçirilen kongresinde 2030-njy we 2034-nji ýyllarda Futbol boýunça dünýä çempionatlaryny kabul etjek ýurtlar resmi taýdan tassyklanyldy. «Çözgüt adaty bolmadyk görnüşde ses bermek — el çarpyşmalar arkaly kabul edildi» diýip, «The Guardian» habarlar agentligi belleýär.

Ozal habar berlişi ýaly, 2030-njy ýylda Futbol boýunça dünýä çempionaty bir wagtyň özünde birnäçe ýurtda — Marokkoda, Portugaliýada we Ispaniýada geçiriler. Ýaryşyň 100 ýyllygy mynasybetli ýene üç oýun Günorta Amerikada — Urugwaýda, Paragwaýda we Argentinada geçiriler.

2034-nji ýyldaky Futbol boýunça dünýä çempionatyny Saud Arabystany kabul eder. Bu ýurt ady agzalan çempionaty özünde geçirmäge ýeke-täk dalaşgär bolup çykyş etdi. Munuň özi ýurduň ýüztutmasynyň biragyzdan tassyklanmagyna mümkinçilik beren ýagdaý boldy. Bu çempionaty özünde kabul etmek üçin Saud Arabystany Patyşalygy täze stadionlaryň 11-sini gurmagy meýilleşdirdi we eýýäm iri taslamalaryň birnäçesini işe girizdi.

Çempionatyň ýaryşlary 48 toparyň gatnaşmagynda bäş şäherde, şol sanda Er-Riýadda geçiriler. Yssy howa şertleri göz öňünde tutulyp, ýaryşlaryň geçirilmeli wagty, 2022-nji ýylda Katarda bolşy ýaly, gyşky möwsüme süýşürilip bilner.

Şu ýerde 2026-njy ýylda Futbol boýunça dünýä çempionatynyň ABŞ-da, Kanadada we Meksikada geçiriljekdigini hem ýatladýarys. Ýaryşyň häzirki çempiony Katardaky ýaryşda ýeňiji bolan Argentinanyň milli ýygyndysydyr.

**Göwher GARLYÝEWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## ÝYLYŇ IŇ GOWY OÝUNÇYSY

«Inter Maýaminiň» 37 ýaşly argentinaly hüjümçisi Lionel Messi MLS-de ýylyň oýunçysy diýlip ykrar edildi. Bu barada liganyň resmi saýtynda habar berildi.

Ýylyň oýunçysy üçin baýrak futbolçylar, klublaryň tehniki işgärleri we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen guralýan pikir soraşmalaryň netijeleri boýunça gowşurylýar. Ses berişligiň netijesine görä, argentinaly ajaýyp futbol ýyldyzy sesleriň 38,43 göterimini aldy.

Ikinji orny «Kolambus Krýunyň» hüjümçisi Kuço Ernandes eýeledi. Ol sesleriň 33,7 göterimini aldy.

Lionel Messi şu futbol möwsüminde MLS-iň 19 oýnunda 20 pökgini garşydaşlaryň derwezesine girizdi we 16 assist etdi.

**Maral ŞAMUHAMMEDOWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

## «GOLDEN BOY» — «ALTYN OGLAN» BAÝRAGYNYŇ EÝESI

Barselonanyň we Ispaniýanyň milli ýygyndy toparlarynyň wingeri Lamin Ýamal 21 ýaşa çenli Ýewropanyň iň gowy ýaş futbolçysyna berilýän «Golden Boy» («Altyn oglan») baýragynyň eýesi boldy. Bu barada baýragyň guramaçysy «Tuttosport» italýan neşiri X sosial ulgamynda habar berdi.

Ýamal şu ýyl 17 ýaşyny doldurdy. «Ýewro — 2024» ýaryşynda ol 16 ýyl 338 gün ýaşynda Ýewropa çempionatynyň iň ýaş oýunçysy boldy. Soňra Ýewropanyň taryhynda garşydaşyň derwezesine girizilen pökginiň iň ýaş awtory (16 ýyl 362 gün) hökmünde rekord goýdy. Ýamal Ýewropanyň iň ýaş oýunçysy diýlip ykrar edildi. Onuň çykyş edýän Ispaniýanyň milli ýygyndy topary bolsa çempion boldy.

Bu baýrak 2003-nji ýyldan bäri gowşurylyp gelinýär. Ony her ýylda Ýewropa çempionatlarynyň biriniň ýokary diwizionynda çykyş edýän 21 ýaşdan kiçi futbolça gowşurylýar. Geçen ýyl baýragy Madridiň «Realynyň» we Angliýanyň milli ýygyndysynyň ýarymgoragçysy Jud Bellingem aldy. Lionel Messi, Serhio Aguero, Ueýn Runi, Mario Balotelli, Mario Getse, Pol Pogba, Kilian Mbappe we Erling Holand ýaly dünýä belli futbol ýyldyzlary hem ýetginjek ýyllarynda «Golden Boy» baýragynyň eýesi bolupdylar.

**Žaloleddin BALTABAÝEW,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**




# SAMBO GÖREŞI BOÝUNÇA ÝARYŞ

☑ 2024-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň Türkmenistanyň Bilim ministrligi hem-de Türkmenistanyň Milli talyplar sport federasiýasy bilen bilelikde Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport toplumynda Türkmenistanyň Bitaraplyk baýramynyň 29 ýyllygy mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Sambo göreşi (oglanlar) boýunça ýaryş geçirildi.

Bu ýaryş «Türkmenistan — ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly sport ýaryşlarynyň maksatnamasyna girip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň bedenterbiýäni we sporty giňden ösdürmek hemde kämilleşdirmek baradaky görkezmelerinden we tabşyryklaryndan ugur alyp, sagdyn, ruhubelent ýaşlary taýýarlamak, sportuň görnüşlerini, şol sanda, sambo görnüşini ösdürmek we sagdyn durmuşa şert döretmek, döwrüň talaplaryna laýyklykda sport sagaldyş çärelerini köpçülikleýin geçirmek, şeýle hem ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň bedenterbiýe-sport çärelerine, türgenleşik işlerine yzygiderli gatnaşyp, Watanymyzyň sportdaky abraýyna şan şöhrat getirip, olary bu ugurda kämil nesiller hökmünde kemala getirmek maksady esasynda geçirildi.

Ýaryşa Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryndan düzülen ýygyndy toparlary gatnaşyp, olar 6 agram: 58 kg, 64 kg, 71 kg, 79 kg, 88 kg, 98 kg derejelerde çykyş edip, ýokary netijeleri görkezdiler. Ýaryş FILA-nyň iň soňky Düzgünnamasy esasynda geçirildi. Ýaryşda talyp türgenlerimiz öz başarnyklaryny görkezip, 1-nji, 2-nji, 3-nji orunlary eýeläp, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň Hormat hatlaryna hem-de «Türkmenawtogaz» Sebit Tehniki Hojalyk jemgyýetiniň gymmat bahaly sowgatlaryna, kuboklaryna we medallaryna mynasyp boldular.

**Begmyrat GARABAÝEW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Sportuň göreş görnüşleri kafedrasynyň uly mugallymy.**

# MAIN NEW YEAR TREE LIT IN ASHGABAT

☑ Multi-coloured lights started shining on Turkmenistan's tallest New Year Tree in the square in front of the Alem cultural and entertainment centre in Ashgabat. The lighting ceremony marks the start of festive events dedicated to the main winter holiday — New Year Day. A colourful fairy-tale village spread out around the New Year Tree.

A bright festive performance, involving theatrical groups, young artists and popular singers, took place on the square. The characters featuring the old 2024 year and the new 2025 year dedicated their poems and songs to the Lord of Winter. The culmination of the celebrations was the New Year Tree lighting ceremony. Following it, New Year Trees started sparkling, and festive events took place on the squares of cities and villages all over Turkmenistan.



**Translated by Aziza SERDAROVA,**
**A student, of the Turkmen Agricultural University.**

# GYLYÇDURDY DURDYÝEW — ÝYLYŇ PARLAK ÝYLDYZY

☑ 2024-nji ýylyň 16-njy dekabrynda Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi hem-de Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti bilen bilelikde merdana halkymyzyň beýik gahrymançylygyny, watanperwerligini, parahatsöýüjiligini, bagtyýarlygyny, hoşniýetliligi we söýgini, şeýle hem Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gazanylýan zähmet üstünliklerini, mukaddes Garaşsyzlygymyzy we hemişelik Bitaraplygymyzy hem-de beýleki milli baýlyklarymyzy belentden wasp edýän aýdym-saz eserlerini kämil derejede ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň ýaş estrada aýdymçylarynyň we höwesjeň aýdymçy ýaşlaryň arasynda geçirýän «Ýylyň parlak ýyldyzy» atly bäsleşiginiň jemi jemlendi.

Bu bäsleşik ýylyň-ýylyna yzygiderli geçirilip durulýar. Şunuň netijesinde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň höwesjeň, zehinli ýaşlary ýüze çykarmak, geljekde olaryň sungat äleminiň meşhur, tanymal ýyldyzlary bolup ýetişmek, şeýle hem türkmen aýdym-saz sungatyny baýlaşdyrmak ugrunda edýän tagallalarynyň mynasyp beýanynyň tapýandygyna aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň «Türkmen owazy» teleradioýaýlymynda ýaýlyma berilýän aýdymlara aýdym-saz muşdaklaryndan iň köp SMS ses alan 17 — 35 ýaş aralygyndaky 10 aýdymçy bäsleşigiň jemleýji tapgyryna gatnaşyp, bäsleşigiň ýeňijisi bolmagy başardylar. Ýeňiji bäsleşigiň baş baýragyna — «Ýylyň parlak ýyldyzy» diýen ada hem-de göçme nyşana eýe boldy. Şol sanda bäsleşigiň ýeňijileri Hormat hatlary we gymmat bahaly sowgatlar bilen sylaglandylar.

**Annajemal SOLTANMÄMMEDOWA,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistri.**





# RUHUBELENTLIGE BESLENEN DABARALAR

☑ Türkmenistanda Täze ýyl baýramy üçin taýýarlyklar giňden dowam edýär. Bu baýram türkmen halkynyň iň uly we şatlykly baýramçylyklarynyň biri hökmünde ähli welaýatlarda, şäherlerde we obalarda dabaralara beslenýär. Täze ýyl baýramy Türkmenistanda milli we medeni däpleriň, halkyň birligini we dostlugyny nygtaýan aýratynlyklaryň birine öwrülýär. Täze ýyl baýramynyň öňüsyrasynda Aşgabatda, Arkadag şäherinde, welaýatlarda köçeler baýramçylyk bezegleri bilen özboluşly görnüşe eýe bolýar.

Türkmenistanyň paýtagtynda Täze ýylyň baş arçasynyň ýşyklarynyň ýakylmagy şatlykly wakalaryň biridir. Baş arça şäheriň merkezi ýerlerinde ýerleşip, ol baýramyň aýratynlygyny ýüze çykarýar. Şeýlede, şäheriň dürli ýerlerinde, hususan-da, köpçülikleýin ýerlerinde konsertler, sport çäreleri, aýdym-saz we beýleki medeni çäreler geçirilýär.

Arkadag şäherinde hem Täze ýyl baýramy guramaçylykly garşylanylýar. Sebitimizdäki ilkinji «akylly» şäheriň ýaşaýjylaryna we myhmanlaryna Täze ýyl baýramynyň dabaralaryna ruhubelentlik bilen gatnaşmaga mümkinçilik döredilýär. Arkadag şäheri häzirki zaman şäheriniň gurluşygy bilen Täze ýylyň öňüsyrasynda özüne mahsus bir baýramçylyk duýgusyny döredýär.

Welaýatlarda hem Täze ýyl baýramy üçin köpsanly çäreler meýilleşdirilýär. Welaýatlarda döwlet we jemgyýetçilik guramalary, mekdepler, medeni merkezler Täze ýyl mynasybetli medeni-köpçülikleýin çäreleri hödürleýärler. Täze ýyl baýramyna gatnaşyjylara, ähli ýaşdaky adamlara, şol sanda çagalaryň, ýaşlaryň we ululary gatnaşmagynda guralýan dabaralar türkmen halkynyň bu baýramy belent ruhubelentlik bilen garşylaýandygyny nygtamaga esas berýär.

Bu baýram adamlaryň birek-birege arzuwlaryny we rowaçlyk baradaky ýagşy dileglerini beýan etmek üçin amatly pursat bolup durýar. Türkmenistanda Täze ýyl baýramy naýbaşy baýramçylyk hökmünde halkyň arasynda şatlykly duýgulary döredýär. Täze ýyl Baş arçasynyň ýakylmagy, Aşgabadyň, Arkadag şäheriniň we welaýatlaryň baýramçylyk çäreleri, şäherleriň bezegi, milli we halkara medeni çäreler bu baýramyň türkmen halky üçin aýratyn ähmiýetini görkezýär.

**Annagül HUDAÝBERDIÝEWA,**
**Balkanabat şäheriniň 18-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.**



# HALK BÄHBIDINI NAZARLAP...

☑ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň kanunçylyk binýady pugtalandyrylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň işlerini mundan beýläk-de ösdürmek boýunça maksatnamalary amala aşyrmakda ähli mümkinçilikleri döredip berýär. Şeýle hem ýurdumyzyň bank ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, nyrhlaryň durnuklylygyny üpjün etmek halk hojalygy toplumynyň karz serişdelerine bolan isleglerini kanagatlandyrmaga we bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Döwlet býujetiniň Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň, Maýa goýum Maksatnamasynyň taslamalaryny taýýarlamak boýunça ýerine ýetirilýän işleriň netijeleri maksada laýyklykda alnyp barylýar. Şu nukdaýnazardan hem ýurdumyzda maýa goýum ýagdaýyny gowulandyrmak, maliýe ulgamyny döwrebap ýagdaýa getirmek, Konstitusiýamyza laýyklykda bazar ykdysadyýetini emele getirmegi çaltlandyrmak üçin göz öňünde tutulan giň gerimli özgertmeler dowam etdirilýär. Döwlet pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ykdysady görkezijileri Aşgabat hem-de Arkadag şäherlerinde, welaýatlarda, oba-şäher, etraplarda pudaklaryň ähli görnüşlerinde durnukly ösýändigine şaýatlyk edýär.

Täze taryhy döwrüň talaplaryny nazarda tutup, milli kanunçylygy kämilleşdirmek, berkarar döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmäge we ýurdumyzyň kanunçylygyny döwrüň talaplaryna laýyk getirmäge gönükdirilen işler möhümdir. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň beýleki pudaklary bilen bir hatarda, bank ulgamyny ösdürmekde häzirki zaman innowasion ösüşiň önümi bolan maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň banklara ornaşdyrylmagy olaryň işiniň döwrebaplaşmagyna, häzirki zaman bankynyň keşbiniň emele gelmegine, olaryň iş gurallarynyň kämilleşmegine, müşderiler bilen gatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna oňyn şert döredýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan bank ulgamyndaky özgertmeleriň ählisi ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejelerini dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine ýetirmäge gönükdirilendir.

**Batyr BAÝMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň diňleýjisi.**




# ÝYLGYRYŞ HAKYNDA TYMSAL

☑ Kiçijik gyzjagaz gussaly bir nätanyşyň ýüzüne bakyp, birenaýy ýylgyrdy. Bu mähirli ýylgyryş ol nätanyş kişiniň özüni has gowy duýmagyna sebäp boldy. Gyzjagazyň bu ýylgyryşy gussaly kişiniň golaýda özüne kömek eden bir dostuna sagbolsun aýtmandygyny ýadyna düşürdi... Dessine bir hat ýazdy-da dostuna ýollady. Dosty hatyň üsti bilen aýdylan «sagbolsun» üçin şeýle bir keýpi kök boldy welin, ol her gün öýlänligini edinýän naharhanasyndaky hyzmatkär gyza iýen-içeniniň daşyndan ep-eslije sowalga-da goýdy. Hyzmatkär gyz ilkinji gezek şeýle sowalga alyp görüpdi.

Ol her gün agşamlaryna öýe gaýdyp barýarka gazanan pulunyň bir bölegini hemişe ýoluň gyrajygynda oturýan pukara adamyň şapkasyna atyp geçýärdi, bu günem şeýtdi, emma hemişekisinden artygrak pul oklady. Iki gün bäri bogazyndan bir döwüm çöregem geçmedik ol adam şeýle bir minnetdar boldy welin... garnyny mazaly doýranyndan soňra bir jaýyň ýerzemininde ýaşaýan bir penjireli otagyna tarap hiňlenip ýoluny dowam etdirdi. Ol şeýle bir şadyýandy weli, bir ýukajyk ýorganyň astynda sowukdan ýaňa titräp ýatan kiçijek güjüjegi gujagyna alybam oňman, ony ýaşaýan ýerine alyp gitdi. Güjüjek gijäniň aýazyndan halas bolany üçin bagtlydy, ýyljajyk otagda bir o ýana, bir bu ýana ylgady ýördi. Gijäniň ýaryndan soň köp gatly jaýyň içini tütün tutupdy, ýangyn döräpdi.



Dumanyň ysyny alan güjüjek birden üýrmäge başlady. Onuň sesine ilki pukara adam oýandy, soňra bolsa jaýyň bütin ýaşaýjylary, ejeleridir kakalar tüsseden ýaňa boglup barýan balalaryny gujaklap göterdiler-de, jaýyň daşyna çykyp, ölümden halas boldular. Bularyň ähli we hemmesi bäş köpügem bahasy bolmadyk bir ýylgyryşyň netijesidi...

**Türk dilinden türkmen diline geçiren**
**Gülsün ÇARYÝEWA,**
**Magtymguly adyndaky TDU-nyň žurnalistika kafedrasynyň uly mugallymy.**

✓ Ýylgyrsaňyz, şeýle bir ýürekden ýylgyryň, şeýle mylaýym boluň, goý, her gysan eliňize ruhuňyz hem goşulsyn...

✓ Bir ýylgyryşyň ynsan üçin hiç hili çykdaýjysy ýokdur. Ýöne şeýle ýönekeý maýa bilen gazanyp boljak girdejiňiz uly bolup biler.

✓ Hiç kimem ýylgyranlygy sebäpli garyp düşmez.

✓ Ýylgyrmak gorkaklara güýç, gussalylara şatlyk, hassalara saglyk berýär, ýadawlary rahatlandyrýar.

✓ Ony satyn alyp bilmersiňiz, diläp alyp bilmersiňiz, ogurlabam bilmersiňiz. Ony diňe size biri meýletin berip biler... ol ýylgyryşdyr. Ýürekden çykmadyk ýylgyryşyň hiç kime peýdasy degmez. Size ýylgyryş bilen bakmaýan birine duşaýsaňyz siz ondan ýylgyryşyňyzy gysganmaň. Çünki ýylgyryşa has mätäçlik çekýänler ýylgyrman gezip ýörenlerdir.

✓ Ýylgyryş bir pursatlyk, gysgajyk bolsa-da bir aňda ömürboýy ýaşap biler.



# DAŞ KEŞBE ALDANYP KIÇELMÄŇ!

☑ Ýöntem hem sada geýnen jübüt garry Boston wokzalynda düşüp, ýaýdanjaň görnüşde Garward uniwersitetiniň rektorlygyna geldiler. Girip-girmänkä kätip gyz haýdap stolundan turdy-da, olaryň öňüne geçdi. Bular ýaly sölpi garrylaryň Garward ýaly iň uly uniwersitetiň rektorlygynda näme işi bolup biler?

Garrylar ýuwaşlyk bilen rektory görmek isleýändigini aýtdylar. Kätip munuň mümkin däldigini, bu gün rektoryň olar bilen görüşmäge asla wagtynyň bolmajakdygyny aýtdy. Garry aýal çekinjeňlik bilen «garaşaýarys» diýip pyşyrdady.

«Biraz wagt garaşansoňlar, özleri ýadap giderler» diýen pikir bilen kätip gyz ýerine geçdi. Emma wagt birçene barsa-da, garrylaryň yza dönme niýeti ýokdy. Bularyň bolşuna nebsi agyran kätip gyz ýerinden turdu-da:

— Siz bular bilen, iň bolmanda, birnäçe minut görüşmeseňiz, olaryň gitme niýeti ýok — diýip, rektora ýene habar berdi.

Ýaş rektor göwünli-göwünsiz gapyny açdy. Ol gepe düşünmeýän dar düşünjeleri, sada geýnüwli obalylary halamaýardy. «Şular ýaly adamlaryň iş ýerime gelmäge nädip güýji çatýarka?» diýip pikir etdi. Öz ýanyndan gahary geldi.

Garry aýal söze başlady. Olar 1 ýyl mundan öň heläkçilikde Garwardda okaýan oglunyň ýitirendigini, onuň bu ýerde örän bagtly bolandygyny, indi onuň hatyrasyna okuwyň çäklerinde bir ýadygärlik isleýändigini aýtdy. Rektor bu ýagdaýa duýgudaşlyk bildirmegiň ýerine örän gaharlandy.

— Hanym, Garwardda okaýan her bir ölen talyp üçin bir ýadygärlik dikjek bolsak, bu ýer mazarlyga öwrüler.

— Ýok, ýok. Men heýkel dikiň diýemok, belki Garwarda bir okuw binasyny gurup bereris.

Rektor garrylaryň könelen egin-eşigine ýigrenç bilen seretdi:

— Binamy? — diýip, azmly gaýtalady. — Siz bir binanyň näçe çykdajysynyň bardygyny bir bilýäňizmi?! Diňe soň açylan bölüm üçin çykarylan maliýe ýedi ýarym million dollardan geçdi.

Ol çekeleşigi soňladym etdi. Akyly çaşan garrylardan dynyp biljegine ynandy. Garry aýal sesini çykarman adamsyna öwrüldi:

— Uniwersitetiň gurluşygyna başlamak üçin gerek bolan pul bary-ýogy şolmy? Şeýle bolsa biz näme üçin öz uniwersitetimizi gurmaly däl?

Rektor allaniçiksi boldy. Garry goja başyny atyp, aýalynyň teklibini makullady. Hanym we jenap Leland Stenford daşaryk çykdylar. Şondan göni Gündogar Koliforniýadaky Palo Altoýa geldiler we Garwardyň piňine almadyk ogullary üçin onuň adyny ebedi ýaşatjak uniwersiteti gurdular.

STENFORD uniwersiteti Amerikanyň iň uly we meşhur ýokary okuw mekdebine öwrüldi.

Adamlaryň daş keşbine seredip baha bermäň, köplenç daşky görnüş aldawçy bolýar. Ynsanyň daşky keşbinden öňürti, içki dünýäsini, kalbyny, düşünjelerini we adamçylygyny duýmak gerek.

**Terjime eden Şirin ŞIRLIÝEWA.**

# WINNER OF ÝYLYŇ PARLAK ÝYLDYZY-2024 CONTEST ANNOUNCED

☑ The winners of the Ýylyň parlak ýyldyzy (Shining Star of the Year) annual music contest were announced. The final round took place at Alp Arslan National Drama Theatre in Ashgabat on December 16. The winner is vocalist Gylyçdurdy Durdyyev, who got the top marks from voters and won the Grand Prix.

Durdyyev received the Challenge Cup for his songs «Senmidiň?» and «Bu derdi». 10 performers, who won the preliminary rounds, reached the final. Each contestant performed 2 songs, including a song without instrumental accompaniment, so that the jury could judge their singing ability. Together with the Grand Prix, the commemorative gifts and certificates were awarded to the first, second and third place winners.



**Translated by Rovshen SHOHRADOV,**
**A student, of the Turkmen Agricultural University**



# ÝOL ÝAZGYLARY

(Başlangyjy geçen sanlarymyzda)

**5-nji syýahat**
**DEMIRGAZYK SEBITLERINE SYÝAHATLAR**

☑ Soňky ýyllarda Arktikanyň öwrenilmegi başarjaň hem gaýduwsyz ýaşlaryň yhlas edip geografiýa kartalaryna salan täze ýollary bilen hasam baýlaşdy. 1979-njy ýylyň 16-njy martynda «Komsomolskaýa prawda» gazeti tarapyndan guralan, Dmitriý Şparonyň ýolbaşçylygyndaky ýedi sany lyžaçy türgenden ybarat topar Nowosibirsk adalaryna degişli bolan Genrietta adasyndan ugrap, 31-nji maýda Demirgazyk polýusa buzuň üsti bilen dünýäde ilkinji gezek pyýada bardy. Olar 76 günüň dowamynda şatlama aňzakda üstüni gar basan örän howply jaýryklardan doly, käýerlerinde suw köljerip duran buz harsaňlarynyň üsti bilen 1500 kilometrlik juda agyr ýoly geçdiler. Çekip-çydap bolmajak aňzakly sowuk howa olarda hasam uly kynçylyklary döredipdir. Şu ýerde Günorta polýusy «boýun egdiren» meşhur norweg syýahatçysy Rual Amundseniň: «Adam sowukdan başga hemme zada döz gelip bilýär» diýen sözlerini ýatlamak ýerlikli bolsa gerek. D. Şparonyň syýahatynyň dowamynda howanyň sowuklygy -45 gradusa ýetipdir, iň maýyl gün bolsa howa -10 gradus bolupdyr.

Ýoluň soňky kilometrlerini geçmek hasam agyr düşüpdir, çünki Arktika Demirgazyk polýusynyň eteklerinde, göýä ony syýahatçylardan «gizlemek» isleýän ýaly daş-töweregi gözedürtme ümüre büräpdir, bu bolsa öňki kynçylyklaryň üstüne urna bolup, syýahatçylaryň ähli gujur-gaýratyny alypdyr. Mälim bolşy ýaly, Günorta polýus Antarktida materiginde ýerleşýär hem-de ýörite pürsjagaz bilen belgilenen. Onuň taýdaşy Demirgazyk polýus bolsa ummanyň ortarasynda, 4 kilometrden hem çuň bolan suwuň üstünde ýerleşensoň, elmydama süýşüp duran buzlugyň üstünde hiç hili pürsüň dikilmejekdigi öz-özünden düşnüklidir. Şu sebäpli hem bu polýusda uzak wagtlap durmak asla mümkin däl, sebäbi buzluk akymyň ugruna üznüksiz süýşüp dur. Polýusyň geografiki ýerleşişini hem diňe Gün arkaly kesgitlemek mümkin. Şonuň üçin hem dumanyň içinde syýahatçylar özleri bilmän tasdanam polýusyň üstünden geçip giden ekenler, ýöne ümürligiň içinden duýdansyz peýda bolan Gün olara Demirgazyk polýusy kesgitlemäge mümkinçilik beripdir.

Şeýlelikde, gaýduwsyz syýahatçylar — D.Şparo, Ý.Hmelewskiý, W.Ledenýow, A.Melnikow, W.Rahmanow, W.Dawidow, W.Şişkarýow dagy ähli kynçylyklary ýeňip geçip, dünýäde ilkinji gezek Demirgazyk polýusyň nokadyna lyžada typyp ýetýärler. Olar uly göwrümli ylmy işi ýerine ýetirip, adamzadyň Arktika barada, onuň juda ýowuz şertlerinde adamyň ýaşamagy barada bilimleriň gaznasyna uly goşant goşýarlar.

Meşhur syýahatçy, norweg alymy Tur Heýerdal bu toparyň gazanan üstünliginiň ylym üçin ähmiýeti hakynda aýdanynda «Şparonyň hem-de onuň ýoldaşlarynyň amala aşyran bu işi Arktikany öwrenmegiň we «boýun egdirmegiň» taryhynda hemişelik hormatly orny eýelär» diýip belleýär.

1986-njy ýylyň gyşynda D.Şparonyň topary Demirgazyk Buzly ummanyň üstünden täze görlüp-eşidilmedik ýörişi amala aşyrýar. Bu gezek ol özüniň edermen ýoldaşlary bilen buz üstündäki «Demirgazyk polýus 26» we «Demirgazyk polýus 27» ylmy-barlag stansiýalarynyň arasyndaky, şol wagt 700 kilometrden hem gowrak bolan aralygy 38 günüň dowamynda polýar gijesiniň garaňkylygynda geçýärler. Olar «Elýetmez polýus» diýlip atlandyrylýan nokady kesip geçýärler. Bu nokat Ýewraziýa we Demirgazyk Amerika materikleriniň iň demirgazyk çetki nokatlaryndan deň uzaklykda ýerleşýär diýlip hasaplanylýar. Ol özüne iň golaý gury ýer bolan Wrangel adasyndan 1300 kilometr demirgazyk-gündogarda örän uly giňişligi tutup oturan barmasy kyn sebitiň merkezidir.

Bu sebitiň örän az derňelen ýerdigini aýdyp oturasy iş hem ýok. Ol ýer hakynda alymlaryň arasynda uzak wagtyň dowamynda jedeller gidipdir. Olaryň birnäçesi bu ýerde «mifiki Sannikowyň Ýerine meňzeş, (megerem, okyjylar W. Obruçewiň «Sannikowyň Ýeri» romany hem-de «Sannikowyň Ýeri» çeper filmi hakynda eşidendirler) heniz adamlara mälim bolmadyk Garrisiň Ýeri bolmaly» diýip tekrarlaýar. Ýene birnäçe alymlar bolsa bu sebitlerde hiç hili ýaşaýyş ýokdur diýip hasap edýärler. Alymlaryň üçünji topary bolsa ol ýerde, ýagny Garrisiň Ýerinde ýaşaýyş bolmaly diýip tassyklaýar. Diňe 1941-nji ýylyň aprelinde belli uçarman I.Çerewiçnyý üç gezek öz uçaryny gönüden-göni buzlugyň üstünde gondurup, bu sebitde hiç hili gury ýeriň ýokdugyny kesgitledi. Ikinji jahan urşy bu sebitiň mundan beýläk derňelmeginiň arasyny üzdi.

Ana, şondan 45 ýyl geçenden soňra polýar gijeleriniň çylşyrymly şertlerinde, şatlama sowukda «Elýetmez polýusa» ýanaşyp duran bu ümmülmez sebitiň üstünden geçildi. D.Şparonyň topary öz ýolunda üsti gar bilen örtülip, görer gözden gizlenip duran san-sajaksyz kölçelerden, buz jaýryklaryndan aman geçip, bu sebiti gündogardan günbatarlygyna geçmegi başardy.

— Elýetmez polýus elýeterli boldy, onuň koordinatalary (salgamlary) demirgazyk giňişliginiň 84-nji, günbatar uzaklygynyň 175-nji graduslary — diýip, bu batyrgaý syýahatçylar öz radiostansiýalary arkaly habar berdiler.

Az-owlak dynç alanlaryndan soňra gaýduwsyz lyžaçy türgenler özleriniň barmaly ahyrky nokadyna — «Demirgazyk polýus 27» stansiýasyna tarap ugraýarlar hem-de ol ýere 7-nji martda baryp ýetýärler. Şeýlelikde, 11 sany batyrgaý türgen Arktikanyň ortarasyndaky hereketli buzluklaryň üsti boýunça uzak wagtlyk ýörişleriň degişli taýýarlykdan soňra ýylyň islendik wagtynda mümkindigini ýene bir gezek subut etdiler. Demirgazygy özleşdirişiň taryhyna ýene bir geografiýa sahypasy ýazyldy.

1988-nji ýylda bolsa D.Şparo russiýaly we kanadaly lyžaçylara ýolbaşçylyk edip, ýene bir täsin ýörişi amala aşyrdy. Ol bu gezek Demirgazyk polýusyň üsti bilen Russiýanyň kenarlaryndan Kanadanyň kenarlaryna çenli iň uzak wagtlyk, arktika üsti aňrybaş marafon ýörişini geçirdi. Ýörişe başlanmanka oňa gatnaşjak türgenleri kesgitlemek üçin uzak möhletli okuw-türgenleşik işleri geçirilýär hem-de 9 sany russiýaly we 4 sany kanadaly lyžaçylar saýlanyp alynýar. Bu internasional topar D.Şparonyň ýolbaşçylygynda Russiýanyň Nowosibirsk adalaryna degişli bolan Ortaky adadan Kanadanyň Elsmir adasyndaky Kolumbiýa burnuna tarap görlüp-eşidilmedik arktika üsti ýörişe ugraýar. Olar buzluk beýewanyň üsti bilen 1800 kilometrden hem uzak ýoly geçmelidiler. Dünýä taryhynda beýle ýöriş henize bu güne çenli bolmandy.

**(Dowamy bar)**

**Gurbangeldi MÄMMETSÄHEDOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymy.**



# SPORT – ÇAGA ZEHININE ÝARDAM-HEMAÝAT

☑ Islendik binanyň pugtalygynyň, ygtybarlylygynyň we durnuklylygynyň onuň binýadynyň ynamly goýluşyna, düýbüniň mäkäm tutulyşyna bagly bolşy ýaly, ynsanyň bilim, terbiýe, ruhy-ahlak sypatlarynyň tutuş durkunda onuň aňyna we kalbyna körpelikden guýulýan deslapky bilim-terbiýe başlangyçlary düýpli ähmiýete eýedir. Hut şonuň üçinem başlangyç synp okuwçylaryny irgözinden beden terbiýä we sporta gözükdiriji guramaçylyk, usulyýet we höweslendiriş çäreleri geljekde bilimli, döredijilikli, düşünjeli raýatlaryň, ökde hünärmenleriň, ösen şahsyýetleriň kemala gelmegine wajyp badalgadyr.

Bu babatda mekdep bilen ysnyşykly işleşip, öz perzentleriniň sporta höwesini we gyzyklanmasyny hemmetaraplaýyn goldamak ugrunda tagalla etmek ene-atalaryň hem borjudyr. Munuň üçin olaryň körpeler bilen geçirilýän sport çärelerine tomaşaçy hökmünde meýilli gatnaşmaklary, bäsleşiklerde öz çagalaryna janköýerlik etmekleri, şowsuzlyk ýüze çykan halatlarynda olary ruhy taýdan goldap, sporta bolan yhlaslaryny sarpalamaklary maksadalaýykdyr.

Ýaş çagalaryň fiziki taýdan ösüşine we beden saglygyna görnetin ajaýyp täsiri bolan sportuň körpeleriň akyl taýdan ösüşindäki ähmiýeti hem kiçi-girim däldir. Sport bilen ilkibaşdan yzygiderli meşgullanmagyň okuwçynyň derslerinde ýetişigine diňe goldaw berýändigi ylymda we tejribede aýdyň subut edilen hakykatdyr. Gaýtam çaganyň durmuşynda beden maşklary, oýunlar, gymyldy-hereketler ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda, bu onuň okuwda hem özüni sussupes, gowuşgynsyz, nerw taýdan ýadaw duýmagyna getirip biler.

Wagtly-wagtynda sport bilen göwünjeň meşgullanýan çagada ynjalyksyzlyk, alada, gussa, tukatlyk ýagdaýlary az bolýar, ol sportdaky dürli görnüşli fiziki hereketlerden gelip çykýan hezilligi, şatlyk-şowhuny we keýp-lezzetleri başdan geçirýär. Maşk, oýun, bäsleşik mahalyndaky gyzgalaňly hereketliligiň bedeniň umumy güýjüni berkitmek bilen bilelikde ýürek-damar we nerw ulgamyna täsiri aýratyn ýaramlydyr. Gündelik sportuny ýerine ýetiren çaga gijesine rahat ýatyp, ukusyny gowy alýar. Bu bolsa sapak wagtynda çaganyň nepesiniň dury, ünsüniň ýiti, okuwa dykgatly bolmagyny şertlendirýär.

Bilimleri özleşdirmekde derwaýys bolan tutanýerlilik, erjellik, jogapkärçilik, ykjamlyk we düzgün-nyzamlylyk häsiýetleriniň çagalarda kemala gelmegine hem sportuň ýardamy uludyr. Sport meýdanynda häli-şindi döreýän çylşyrymly, dartgynly we gyssagly pursatlar çagada her ýagdaýa dessin aň ýetirmek, dürs karar kabul etmek we baş alyp çykmak endigini kemala getirýär. Bu bolsa onuň, umuman, pikirleniş ukybynda ugurtapyjylygyň we çeýeligiň ösmegine, ýaş çaganyň akyl ýetirijilik, döredijilik ukybynyň ýokarlanmagyna, zehininiň açylmagyna ýardam berýär. Mahlasy, bilim we sport — ýaşlarymyzyň durmuşynda olary okuwda we zähmetde üstünliklere alyp gitjek goşa ganatdyr.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň atalyk aladalarynyň saýasynda bagtyýar we şadyýan ösüp, günbe-günden boý alýan körpe raýatlarymyzyň geljegi parlak, Watanymyzyň ykbaly bagtyýar, topragy asuda, asmany dury bolsun!

**Sähragül GODANOWA,**
**Türkmenbaşy şäherindäki 6-njy orta mekdebiň**
**başlangyç synp mugallymy.**

# ОЛИМПИЙСКАЯ ЧЕМПИОНКА ДИЁРА КЕЛДИЁРОВА СТАЛА ПРЕТЕНДЕНТКОЙ НА ЗВАНИЕ «ДЗЮДОИСТКА ГОДА»

☑ Узбекская спортсменка Диёра Келдиёрова стала одной из претендентов на звание «Дзюдоистка года», сообщает Международная федерация дзюдо.

Также победа Келдиёровой над японкой Утой Абэ на Олимпиаде в Париже оказалась в числе номинаций в категории «Событие года». В категории «Дзюдо для детей» также оказался проект «judogirls.uz», созданный Федерацией дзюдо Узбекистана.

На звание «Тренер года» за деятельность в женской сборной Узбекистана выдвинули Марко Шпитка. Также в категории на лучший «Иппон года» (который выступает как лучшая оценка, которой боец может достичь в боевых искусствах, как правило в таких как дзюдо, карате или джиу-джитсу) номинантом стал Мухаммад Джумаев за свой прием, который он применил на турнире «Большого шлема» в Душанбе.

Голосование продлиться до 10 января 2025 года, и все желающие смогут отдать голоса за конкурсантов через платформу JudoTV.

Ранее сообщалось, что Диёру Келдиёрову назначили представителем Национального агентства соцзащиты. Спортсменка поможет в борьбе с гендерным неравенством и насилием в отношении детей.



Jeýms KLIR, amerikan ýazyjysy

# ATOM ENDIKLERI

## ATOM ÝALY KIÇIJIK ENDIKLERIŇ ÄGIRT ULY GÜÝJI BAR

(Başlangyjy elektron žurnalymyzyň geçen (№43-51, 2024) sanlarynda)

☑ Käbir hereketleri näçe ýygy gaýtalasaňyz, şonuň ýaly özüňi alyp baryş bilen baglanyşykly garaýşy şonça güýçlendirýärsiňiz. Garaýyş sözi, aslynda, essentitas (durmuş) we identidem (gaýtalanmak) diýen latyn sözlerinden gelip çykýar, ýagny sözme-söz alsak, garaýyş «gaýtalanýan durmuş» diýmekdir.

Belli bir wagtyň dowamynda garaýşyň nämedigi möhüm däl. Özüňizi belli bir adam hökmünde görýärsiňiz, sebäbi munuň şeýledigine subutnamaňyz bar. Eger ýigrimi ýyl bäri her dynç güni ybadathana barýan bolsaňyz, bu siziň takwa adamdygyňyzyň subutnamasydyr. Eger her agşam bir sagat biologiýa bilen meşgullanýan bolsaňyz, bu siziň erjel adamdygyňyzyň subutnamasydyr. Eger, hatda, gar ýagýan hem bolsa, yzygiderli sport zalyna gatnaýan bolsaňyz, bu siziň sporty söýýändigiňiziň subutnamasydyr. Özüňize berýän ol ýa-da beýleki bahaňyzyň subutnamalary näçe köp bolsa, şonça-da onuň hakykatdygyna ynanarsyňyz.

Ýaşlygymyň köp böleginde özümi ýazyjy hasaplamadym. Mekdep ýa-da kollej mugallymlarymdan sorasaň, olar meni ortaça ýazyjy hökmünde häsiýetlendirerler. Elbetde, ýazyjylyk ukyplarym barada gürrüň hem edilmeýär.

Ýazyjylyga başlanymda, ilkinji ýyllarda her duşenbe we penşenbe günleri täze makala çap etdirdim. Täze subutnamalary aldygymça, ýazyjy hökmünde özüm baradaky pikirimem ösdi, ýagny garaýşym emele geldi. Täze kärimiň başynda ýazyjy däldim. Ýazyjylyk kärime endiklerimiň kömegi bilen kem-kemden eýe boldum.

Elbetde, endikler garaýşa täsir edýän ýeke-täk hereket däl, ýöne ýygylygy bilen olar iň wajyby bolýarlar. Durmuşda gazanýan islendik tejribäňiz özüňize berýän bahaňyza täsir edýär, ýöne bir gezek topy depeniňiz üçin özüňizi futbolçy hasap etjekdigiňiz ýa-da bir gezek surat çekdim diýip, özüňizi nakgaş hasap etjekdigiňiz gümana. Şeýle-de bolsa, bu hereketleri köp gaýtalasaňyz, subutnamalar kem-kemden ýygnanyp, özüňize berýän bahaňyz üýtgäp başlar. Bir gezeklik tejribäniň täsiri, adatça, ähmiýetsizdir, endikleriň täsiri diňe wagtyň geçmegi bilen güýjeýär, bu bolsa şahsy garaýşy döredýän subutnamalary endikleriň berýändigi barada habar berýär. Şeýlelik bilen, endikleri emele getirmek işi hakykat ýüzünde şahsyýeti emele getirmek işidir. Muňa «ewolýusiýa», ýagny «kem-kemden özgermek» diýilýär. Biz barmagy şyrkyldadanymyz bilen ýa-da düýbünden başga birine öwrülmek islegi bolanlygy üçin özgermeýäris. Biz ýuwaş-ýuwaşdan, endik yzyna endik edinmek bilen özgerýäris.

Her bir endik: «Aý, meniň hut «şeýle bolmagym ahmal» diýen çaklama meňzeýär. Siz kitap okap bolduňyz. Mümkin, siz okamagy halaýan adamsyňyz. Siz sport zalyna gatnaýarsyňyz. Mümkin, siz sporty halaýan adamsyňyz. Siz gitara çalýarsyňyz. Mümkin, siz saz söýüjisiňiz.

Siziň ýerine ýetirýän her bir işiňiz şahsyýet hökmünde kimdigiňiz barada kabul edýän kararyňyzdyr. Belli bir waka düşünjeleri üýtgedip bilmez, ýöne bu kararlar kem-kemden üýşýär, şeýlelikde, ýuwaş-ýuwaşdan täze garaýyş döreýär. Bu bolsa ähmiýetli özgerişleriň çürt-kesik we çalt özgerişleri talap etmeýändiginiň sebäpleriniň biridir.

Owunjak endikler täze garaýşyň subutnamalaryny döredip, ähmiýetli tapawutlara getirýär. Eger tapawutlar ähmiýetli bolsa, onda ony, hakykatdanam, beýik hasaplap bolar. Hut şu hem ownuk kämilleşmeleriň gapma-garşylygydyr.

Ýokardakylaryň hemmesini jemlesek, onda endikleriň şahsyýetiň garaýşyny özgertmegiň ýoludygyna göz ýetirse bolar. Özüňizi özgertmegiň iň amatly usuly edýän zadyňyzy özgertmekdir.

1. Her gezek tekst ýazanyňyzda , siz ýazyjysyňyz.
2. Her gezek skripka çalanyňyzda, siz sazandasyňyz.
3. Her gezek türgenleşige başlanyňyzda, siz türgensiňiz.
4. Her gezek işgärleri höweslendireniňizde, siz ýolbaşçysyňyz.

Her bir endik diňe belli bir netijelere eltmän, eýsem, has möhüm bir zady, özüňe ynanmagy öwredýär. Siz käbir meseleleri çözüp biljekdigiňize ynanyp başlaýarsyňyz. Çözgütler üýşüp, şahsy garaýyş özgerip başlanda, özüňize aýdyp berýän wakaňyz hem özgerip başlaýar. Elbetde, bu ýörelge ters ugurda-da hereket edip bilýär. Her gezek erbet endigi saýlasaňyz, bu şahsy garaýşa çykarylan karar bolar. Saýlawda bolşy ýaly, gelnen kararlaryň ikisine-de ses beren tapylar. «Saýlawda ýeňiş gazanmak» üçin biragyzdan gelnen karar hökman däl. Eger käbir ses erbet adama ýa peýdasyz endiklere berilse-de, bu gorkuly däl. Siziň maksadyňyz sesleriň köplügini gazanmakdyr.

Täze garaýyş täze tassyklamalary talap edýär. Eger hemişeki ýaly «ses bermegi» dowam etseňiz, onda öňki netijeleriňizi alarsyňyz. Eger hiç zady özgertmeseňiz, ähmiýetli özgerişlere ýetip bilmersiňiz.

Bu iki basgançakly ýönekeý işdir:

1. Nähili adam bolmak isleýändigiňizi çözüň.
2. Kiçijik üstünlikleriň üsti bilen, şeýle adamdygyňyzy özüňize subut ediň.

Ilki bilen, özüňiziň nähili adam bolmak isleýändigiňizi çözüň. Bu jümläni islendik adamda, toparda, jemgyýetde, milletde dürli derejelerde hem ulanyp bolar. Özüňizde nämäni beýan etmekçi bolýarsyňyz? Siziň ýörelgeleriňiz we gymmatlyklaryňyz nämede? Siz kim bolmakçy?

Bu soraglar örän ähmiýetli soraglardyr. Adamlaryň köpüsi nämeden başlamalydygyny bilmeýärler, ýöne nähili netijelere ýetmekçi bolýandyklaryny bilýärler. Diýeliň, olar beden güýjüni artdyrmak, az alada etmek ýa aýlyk gazanjyny iki esse artdyrmak isleýärler. Bu gaty gowy. Hut şondan başlaň we gazanmakçy bolýan netijäňizden, şol netijeleri gazanyp biljek adama çenli, yzyňyza tarap hereket ediň. Özüňize sowal beriň: «Meniň yhlas edýän zadyma nähili adam ýetip biler? Nähili adam ýigrimi kilogram horlanyp biler? Nähili adam daşary ýurt dilini öwrenip biler? Nähili adam üstünlikli telekeçilige başlap biler?». Mysal üçin, nähili adam kitap ýazyp biler? Mümkin, ol gaýduwsyz we özüne ynamdar adam bolmalydyr. Şunlukda, takyklyk belgisi kitap ýazmakdan (netijeden), özüňde gaýduwsyzlyk we ynamdarlyk ýaly häsiýetleri ösdürmeklige (garaýşa) tarap süýşýär.

Özüňde gerekli häsiýetleri ösdürmek işi şu düşünjelere getirip biler:

Men talyplary goldaýan mugallym.

Men müşderä möhlet berýän we duýgudaşlyk edýän lukman.

Men işgärleriň bähbidini araýan ýolbaşçy.

Özüňiziň nähili bolmak isleýändigiňize düşüneniňizden soň, täze garaýşy berkitmek we ösdürmek üçin kiçijik ädimlere başlap bilersiňiz. «Sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barýan adam şu ýagdaýda näme ederdi?» diýip, özüne sowal berip, kyrk bäş kilogram horlanan zenan tanşym bar. Ol günüň dowamynda şol soragy gaýtalap, ony hereketine ýol görkeziji hökmünde ulanypdyr. Sagdyn durmuş ýörelgesini ýöredýän adam pyýada gidermi ýa taksili? Ol uzak wagtlap sagdyn durmuş ýörelgesini ýöredýän adam hökmünde hereket edip, netijede şol adam boldy. Ol dogry hereket etdi.

**(Dowamy bar)**

**Terjime eden Kakamyrat GELDIÝEW.**

# HATLY BUKJALAR HABAR BERÝÄR




☑ «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly ahyrlady. Dekabr aýynyň öz ornuny 2025-nji ýylyň ýanwaryna berjek günleri barha golaýlaýar. Şan-şöhratly wakalara beslenen üstümizdäki ýylyň her bir güni ýatdan çykmajak wakalar bilen şatlygymyzy goşalandyrdy. Şol wakalardan söhbet açýan habarlary okyjylar bilen paýlaşmagymyzy haýyş edip, redaksiýamyzyň elektron salgysyna iberilýän teswirleriň we çykyşlaryň sany barha köpelýär. «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň «7/24.tm» ady bilen her hepdede okyjylara elektron görnüşde ýetirilýän neşir arkaly şol wakalary yzygiderli okyjylara ýetirip durmaga çalyşýarys.

Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň garamagyndaky sport mekdepleri, desgalar, şeýle-de bedenterbiýe we sport bölümleri bilen bilelikde ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalary, bilim ulgamynyň edaralary wagyz-nesihat duşuşyklaryny, maslahatlary, sport ýaryşlaryny yzygiderli geçirip durýarlar. Olaryň her birinde Türkmenistan Watanymyzyň sport mümkinçilikleri, sagdyn durmuş ýörelgesiniň ýaýbaňlandyrylýandygy dogrusynda buýsançly gürrüňler edilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly ajaýyp eseriniň mazmunyndan gelip çykýan çuňňur pikirler soňky günlerde geçirilýän duşuşyklaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Şol ajaýyp eseriň tanyşdyryluş dabaralary, onuň özlerinde galdyran täsirleri hakynda ýazylýan habarlaryň hatary günsaýyn artýar. Şeýle hatlary TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň hünärmeni Ogulsenem Çalowa, TMÝG-niň Köneürgenç etrap Geňeşiniň başlygy Mergen Öwezow, TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri Çynar Mämmedowa, TMÝG-niň Sarahs etrap Geňeşiniň «Döwletabatgazçykaryş» müdirliginiň ilkinji ýaşlar guramasynyň uly buhgalteri Aýgül Ödenýazowa, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň uly buhgalteri Maksatgeldi Annamyradow, TMÝG-niň Etrek etrap Geňeşiniň uly buhgalteri Arzygül Tekemyradowa, TMÝG-niň Halaç etrap Geňeşiniň başlygy Ýaraş Haýytow, TMÝG-niň Türkmenabat şäher Geňeşiniň başlygy Ýusup Babakulow, şeýle-de TMÝG-niň Ahal welaýat Geňeşiniň umumy bölüminiň esasy hünärmeni Eneş Nyýazmyradowa bilen TMÝG-niň Ahal welaýat Geňeşiniň umumy bölüminiň müdiri Röwşen Maksatmyradow, TMÝG-niň Gökdepe etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni Tylla Meýdanowa, TMÝG-niň Bäherden etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Sahabatberdi Kösäýew dagy redaksiýamyza ýollapdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň badalga beren, hormatly Prezidentimiziň mynasyp dowam etdirýän sport syýasatyny wagyz etmek işine sport ulgamynyň wekilleri bilen bir hatarda ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri-de işjeň gatnaşýarlar. Munuň şeýledigini TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap Geňeşiniň uly buhgalteri Maýa Çowdurowanyň, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni Aýsona Geldimyradowanyň, TMÝG-niň Etrek etrap Geňeşiniň başlygy Mukam Çüriýewiň, TMÝG-niň Ahal welaýat Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri Annamuhammet Gulowyň, TMÝG-niň Ak bugdaý etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Ogulbäbek Myratnazarowanyň, TMÝG-niň Kaka etrap Geňeşiniň uly buhgalteri Merdan Çaryýewiň, TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni Kuwwat Öwezdurdyýewiň, TMÝG-niň Halaç etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Gandym Wellekowyň, TMÝG-niň Türkmenabat şäher Geňeşiniň bölüm müdiri Döwran Hemraýewiň, TMÝG-niň Sarahs etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Laçyn Muhammedowanyň, TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Ýazjemal Bazarowanyň iberen hatlarynyň mysalynda göz ýetirmek bolýar.

TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Hurşida Ataýewa, TKA-nyň Gyzylarbat etrap birleşmesiniň buhgalteri Jumamuhammet Mahmydow, TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap Geňeşiniň bölüm müdiri Şamyrat Pirmädow, TMÝG-niň Ahal welaýat Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni Guwanç Hallyýew, TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň uly buhgalteri Oguljennet Şiriýewa, TMÝG-niň Babadaýhan etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Şöhrat Akmämmedow, TMÝG-niň Halaç etrap Geňeşiniň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni Şirinaý Öwlýagulyýewa, TMÝG-niň Türkmenabat şäher Geňeşiniň hünärmeni Laçyn Akyýewa Täze ýyl baýramy mynasybetli geçirýän wagyz-nesihat duşuşyklary, döredijilik bäsleşikleri we ýaşlaryň arasynda sportuň görnüşleri boýunça guraýan ýaryşlary hakynda gürrüň berýän çykyşlary ugradypdyrlar.

TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Jennet Gulmyradowa, TMÝG-niň Türkmenbaşy etrap Geňeşiniň uly buhgalteri Akbäbek Gurbanmämmedowa, TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Gülnahal Dädebaýewa, TMÝG-niň Ahal welaýat Geňeşiniň umumy bölüminiň esasy hünärmeni Mesgen Nurgylyjow, TMÝG-niň Sarahs etrap Geňeşiniň «Döwletabatgazçykaryş» müdirliginiň ilkinji ýaşlar guramasynyň başlygy Gurbanmurat Geldimuradow, TMÝG-niň Halaç etrap Geňeşiniň uly buhgalteri Merjen Gurbangulyýewa, TMÝG-niň Türkmenabat şäher Geňeşiniň hünärmeni Gülşat Çaryýewa ýurdumyzda ýaşlar syýasatyny wagyz etmek babatda alnyp barylýan işlerden söhbet açýan çykyşlaryny redaksiýamyzyň elektron salgysyna iberip, okyjylar bilen paýlaşyp bermegimizi sorapdyrlar.

Okyjylarymyzda gelýän hatlar «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň «7/24.tm» atly hepdelik elektron goşundysy arkaly paýlaşylýar. Biziň neşirimizde, esasan, sagdyn durmuş ýörelgesiniň, Olimpiýa hereketiniň, hereketli oýunlaryň, bedenterbiýe we sporty ösdürmegiň möhüm ugurlarynyň öňe sürülýändigi nazara alnyp, şol temalardaky çykyşlaryň redaksiýamyza ugradylmagyna garaşýarys.

**«7/24.tm»**

# GYSGA HABARLAR

### SANTA-KLAUSLARYŇ HAÝYR-SAHAWAT YLGAW ÝARYŞLARY

☑ Ýewropada Santa-Klauslaryň her ýyl geçirilýän haýyr-sahawat ylgaw ýaryşlary guraldy. Ýörite penjekleri geýen gatnaşyjylar çagalara kömek etmek maksady bilen pul ýygnamak üçin marafon geçdiler. Çäre Fransiýa, Wengriýa we Kosowo ýaly birnäçe ýurtlarda geçirildi diýip, Euronews habar berýär.

Kosowoda Santa-Klausyň eşigini geýen bäş müňe golaý adam Priştinadaky hassahanalaryň biriniň pediatrik bölümine pul ýygnamak üçin ylgawa gatnaşdy.

Fransiýada ylgawçylar Parižiň etegindäki Issi-le-Mulinoda 10 kilometr aralygy geçdiler we bu ýerde guramaçylar müňlerçe gatnaşyja gyzyl-ak başgaplary we ýapynjalary paýladylar.

Budapeştde ylgaw ýaryşyna gatnaşyjylar gyzyl-ak reňkli suwda ýüzmek üçin niýetlenen geýimlerde ylgadylar.

Santa-Klauslaryň ylgaw ýaryşy eýýäm 21 ýyl bäri geçirilýär, gatnaşyjylardan gelen goşant bolsa haýyr-sahawat maksatlaryna gönükdirilýär.

**Taýýarlan Arazbagt PALTAÝEWA,**
**Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.**

### ALYMLAR IŇ ULY AÝSBERGI ÖWRENÝÄRLER

☑ Alymlar otuz ýyldan gowrak durgunlykdan soň Günorta ummanda dünýäniň süýşýän iň uly buz bölegi bolan A23a aýsbergini öwrenýärler diýip, «Wokrug sweta» neşiri ýazýar.

Onuň ululygy hatda uly metropollardan hem geçýär, aýsberg Londondan hem iki esse uly, massasy bolsa bir trillion tonna barabardyr. Aýsberg ozal Günorta Orkneý adalarynyň demirgazygyndaky ýerini terk edipdi we häzirki wagtda Günorta ummanyň suwlarynda erkin hereket edýär. Gözlegçiler onuň hereketiniň sebitiň ekosistemasyna ep-esli derejede täsir edip biljekdigine ynanýarlar.

Aýsberg boýunça geçirilýän gözlegler ummandaky buz akymlary bilen deňiz ekosistemasynyň arasyndaky özara täsire has gowy düşünmäge kömek eder. Bu howanyň üýtgemegini öwrenmek üçin-de täsir edýär diýip, vokrugsveta.ru ýazýar.

**Taýýarlan Myratmuhammet AŞYRMUHAMMEDOW,**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.**

### 309 METRLIK BINANYŇ GURLUŞYGY TASSYKLANDY

☑ London şäheriniň häkimiýetleri 309,6 metrlik edara binasynyň gurluşygyny tassykladylar. Desga 2012-nji ýyldan bäri Beýik Britaniýanyň iň beýik binasy bolan «The Shard» bilen deňleşer diýip, «Financial Times» habar berýär.

Öň diňiň gurluşygy geljekki goňşularda, şol sanda «Lloyd's of London» ätiýaçlandyryş bazarynyň ýolbaşçysy Brýus Karnegi-Braunda garşylyk döretdi. Olar diňiň möhüm jemgyýetçilik ýeri bolan Sent-Helens-skweriň meýdanyny azaltjakdygyny bellediler.

Netijede, «Stanhope» deweloperi we «Aroland Holdings» kompaniýasy taslamany üýtgedip, diňiň binýadynyň meýdanyny saklamak üçin birinji gatyň ölçegini kiçeltdiler.

Diňiň taslamasynda 11-nji gatda ýaşyl zolak, syn ediş meýdançasy we çagalar üçin bilim merkezi göz öňünde tutulandyr. Soňkusy London muzeýi bilen hyzmatdaşlykda guralar.

Taslamany 2030-njy ýyla çenli durmuşa geçirmek meýilleşdirilýär. Maýadar hökmünde «Aroland Holdings» kompaniýasy çykyş edýär, bu kompaniýanyň esasy paýyna bolsa dünýäde iň uly palma plantasiýalarynyň eýeleriniň biri bolan «Wilmar International» azyk önümlerini öndürmek boýunça toparyň ýerine ýetiriji müdiri, singapurly millarder Kuok Khun Gong gözegçilik edýär.

**Taýýarlan Arzygül BERKELIÝEWA,**
**Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.**

### NÝU-ÝORKUŇ ÝAŞAÝJYSY GINNESIŇ REKORDYNY GOÝDY

☑ Nýu-Ýorkuň ýaşaýjysy Çad Karuzo skeýtbordly 57 gün 6 sagat 56 minutda 5000 kilometr ýol geçip, Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Ol syýahatyny Wenesiýa-Biçden (Kaliforniýa) başlap, ABŞ-nyň gündogar kenarynda tamamlady.

Syýahat wagtynda Karuzonyň ýanynda diňe skeytbord bilen goşhaltasy bardy. Oňa adamlaryň köpsanlysy goldaw berdi, olaryň käbiri syýahatçyny hut özleri gutlamak üçin pellehana geldi.

Çad skeýtbordda hereket etmegiň oňa durmuşyny üýtgetmäge, şol sanda zyýanly endiklerden saplanmaga kömek edendigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, bu rekord erkiň we berkligiň subutnamasy boldy.

— Ýüzlerçe adamyň goldamagynda pellehana ýakynlaşanymda duýgularymy saklap bilmedim –diýip, Karuzo begenjini paýlaşýar.

**Taýýarlan Ygtyýar ŞATLYKMYRADOW,**
**Magtymguly adyndaky TDU-nyň talyby.**

### RUHY TÄMIZ HALK BEÝIKDIR

☑ Ýurdumyzyň Balkan welaýatynyň Etrek etrabynyň 8-nji orta mekdebinde Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Balkan welaýatynyň Etrek etrap Geňeşiniň etrap bilim bölümi, Etrek etrabynyň hukuk goraýjy edaralary bilen bilelikde guramagynda mekdep okuwçylarynyň arasynda ýetip gelýän baýramçylyk günlerinde tertip-düzgüni berjaý etmeklerini, partlaýjy maddalardan daşda durmaklaryny, köpçülik ýerlerinde özlerini dogry alyp barmaklaryny, ýol hereketiniň kadalaryny berjaý edip, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermeklerini gazanmak maksady bilen wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi.

Duşuşykda çykyş edenler Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Ýaş nesillerimiziň sagdyn, bagtyýar ösüp ulalmaklary, watançy, päk ahlakly, merdana we halal adamlar bolup ýetişmekleri biziň esasy maksatlarymyzyň biridir, ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň möhüm şertidir» diýen sözlerinden ugur alyp, mekdep okuwçylaryna ruhy taýdan sagdyn ösmekligiň, ilhalar, Watana wepaly adamlar bolup ýetişmekligiň ähmiýeti dogrusynda durup geçdiler.

**Arzygül TEKEMYRADOWA,**
**TMÝG-niň Balkan welaýatynyň**
**Etrek etrap Geňeşiniň uly buhgalteri.**

### BITKOINIŇ TÄZE REKORD DEREJESI

☑ Bitkoin duşenbe güni bahasynyň iň ýokary derejesini ýene bir gezek täzeledi. Bir bitkoiniň bahasy 106,533 dollara ýetdi. ABŞ-nyň prezident saýlawynda Donald Trampyň ýeňşinden soň, kripto walýuta bazaryndaky ösüş artmagyny dowam etdirýär.

Kripto walýutalary Ak tamyň saýlanan Prezidentiniň köpsanly tarapdarlary, şol sanda täze Hökümetde esasy wezipeleri eýeläp biljekler goldaýar. Trampyň özi öň birnäçe gezek kripto walýutada milli ätiýaçlyk goruny döretmek mümkinçiligi barada aýdypdy. Bu hem maýadarlaryň umytlaryny has-da artdyrdy. Geçen hepde ol ABŞ-nyň bu ugurdaky öňdeligini Hytaýa ýa-da beýleki ýurtlara bermeli däldigini aýtdy. Bu keýpiçaglyk bilen hem-de bitkoinleriň iň uly kärhana eýesi «MicroStrategy-nyň» «Nasdaq-100» sanawyna girizilmegi baradaky habarlar bilen goldanyldy. 2024-nji ýylda onuň maýa goýumy alty esse artyp, 94 milliard dollara ýetdi diýip, 3dnews.ru ýazýar.

Ýylyň başyndan bäri bitkoiniň bahasy, takmynan, üç esse ýokarlandy we kripto walýuta bazarynyň umumy mukdary iki esse artyp, 3,8 trillion dollara ýetdi.

**Taýýarlan Keýik HOJIKOWA,**
**Aşgabat şäherindäki syýahatçylyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.**

# MUGALLYMYMYŇ MAŇA AÝTMADYK ZATLARY

Başlangyjy geçen (№51, 2024) sanymyzda

**Beýik Magtymguly Pyragyda bir söz bar, ony hemmeler bilýär. Emma şol sözüň söz bilen iş salyşýanlara, ýagny žurnalistlere gönükdirilendigi barasynda köpler pikir edýänem däldir. Ine, şol söz: «Taraşlap şaglatgyn köňle gelenin...». Men bu sözüň daşyny altyn bilen jähekläp, her bir žurnalistiň iş stolunda goýardym. Bu söz özüň bolup ýazmakda iň zerur talapdyr, görkezmedir. Köňle geleni taraşlap ýazyp bilýän adama halypa diýseň bolar.**

**Özüň bolup ýaz, birine meňzeme!**

## II.UNIWERSALMY ÝA ÝÖRITELEŞEN?

Žurnalist nähili bolmaly: uniwersalmy ýa ýöriteleşen? Talyp wagtym ýazan diplom işim hem şeýle atlandyrylýardy. Žurnalist haýsam bolsa bir temadan ýöriteleşen, şol bir wagtyň özünde-de redaksiýanyň tabşyrygy bilen islendik temadan bir zatlar ýazyp bilýän bolmaly — ine, diplom işimde gelen netijäm şeýledi. Iş tejribäm şu netijäniň dogrudygyny subut etdi. Özüňiz pikir edip görüň, durmuş köpgyranly. Redaksiýanyň bolsa her bir temadan professional derejede ýazyp bilýän žurnalisti ýok. Bu mümkin hem däl. Hemme zady hemmeler edip biler, ýöne entek hemmeler enesinden dogmandyr. Žurnalistika babatda-da şeýle: hemme ugurdan professional derejede ýazyp bilýän uniwersal žurnalist entek dogulmandyr.

Eýse, näme etmeli?!

Žurnaliste haýsy hem bolsa, bir tema ýakyn bolýar, ol hemişe şonuň bilen içgin gyzyklanyp gelýär, şol ugurdan ylymda bir täzelik bar bolsa, wagtynda onuň bilen tanyşýar, ýagny ylmy maglumatlaryň, ylmy jemgyýetçiligiň içinde bolýar. Şol bir wagtyň özünde-de, okyjylar şol temadan nähili materiallara garaşýar?! Ine, şulary hem göz öňünde tutup, gowy material ýazmaga ukyply bolýar. Üstesine, şol barada özüniň hem pikiri, garaýşy bolýar. Onsoň şeýle awtory diňlemek, okamak gyzykly bolýar.

Her žurnalistiň öz temasy, ýagny ýöriteleşen ugry bolmaly. Öz temasyny suwara bilýän žurnalisti men işine ökde agaç ussasy bilen deňeşdiresim gelýär. Ussa tagta çüý kakanda iki, köp bolsa üç gezek kakanda, çüý papagyna çenli tagta çümer. Şonda çekijiň sesi owazly eşidilip başlar: tark, tark, ta-ark; tark, tark, ta-ark... Dowamly gelip duran bu ses gulagyňa ýarar, göýä, ökde ussanyň elindäki çekiç aýdym aýdýan ýalydyr. Sen özüňem bilmezden şol «aýdyma» goşularsyň. Ussatlyk bilen ýazylan makala edil şol aýdym mysalydyr, okyjylar hökman şoňa goşularlar.

Käbir temalar bolsa žurnaliste gyzykly däl, onuň şol temadan hiç ýazasy gelmeýär. Emma redaksiýa şondan makala hökman gerek bolýar. Redaksiýanyň baş maksady bolsa okyjylaryny mümkingadar köpeltmek, bolmanda, olaryň sanyny azaltmazlyk. Şeýle ýagdaýda islendik temadan orta gürp makala ýazmaga ukyply ýa-da şol temadan ýazylan materialy işläp bilýän işgär bolsa, şol ýeterlik. Sebäbi gazet waka bilen okyjynyň arasynda özboluşly köpri bolup durýar. Durmuşda bolup geçýän her bir wakany okyja ilik-düwme aýtmak, düşündirmek gazetiň işi däl. Wakany žurnalist däl-de, şol ugurdan professional adam teswirlemeli, baha bermeli. Etmelisi — şu!

Ýöne gündelik durmuşda bu başardyp durmaýar. Şunda redaksiýanyň şol ugurdan gyzyklanýan, nirede girdabyň bardygyny ýa-da suwasty daşlaryň nähili ýatandygyny bilýän, başgaça aýdanyňda, şol ugurdan ýöriteleşen işgäri kömek edip bilýär.

Hünärmen meselesi hemme ýerde kyn, elpe-şelpelik ýok. Onsoňam, redaksiýa gerek hünärmen redaksiýanyň özünde taýýarlanylmaly. Aýdylyşy ýaly, işde taplanmaly. Islendik okuw mekdebi, ol hernäçe abraýly bolanda-da, alyp işlediberer ýaly, doly suratda taýýar žurnalisti taýýarlap bilmeýär. Ol diňe «galam tutup bilýän» žurnalistik hünärmenleri taýýarlap biler, şondan aňry geçmez. Bu, dogrusy, zerur hem däl bolsa gerek, sebäbi durmuş sagatsaýyn özgerip-ösüp dur. Redaksiýanyň talaby hem şeýle, ol döwre görä hem özgerýär, hem ösýär. Ýöne ýere «Gazet — durmuşyň aýnasy» diýilmeýär.

Sen uniwersal bol ýa ýöriteleşen — parh etmez, ýöne kämil bol!

## III.ÜŞÜKLI BOL!!

Bu hekaýaty maňa Türkmenistanyň halk ýazyjysy Baýram Jütdiýew gürrüň beripdi. Men ony indi iki ýyl bäri toplap ýören «Ýüpek ýolunyň hekaýatlary» atly toplumyma girizmekçi bolup ýördüm. Ýöne onda aýdylýan zady žurnalistlere-de degişli hasap edýändigim üçin ony şu wagt size-de aýdyp bereýin. Herki zatdan ybrat almak adama peýdaly.

Ir döwürde iki dost bolupdyr. Olaryň biri alym, beýlekisi daýhan eken. Gowy görşer ekenler. Daýhan alym dostunyň gürrüňlerini diňläp, ganmaz eken. Bir gün daýhan dostuna ýüzlenipdir:

— Dost, ikimiz şunça ýyl bäri gatnaşyk saklap ýörüs. Men, özüň bilýäň, saňa şeýle uly gadyr goýýan. Indi çagalar hem ýetişip ýör. Olary okatmaly, adam hataryna goşmaly. Senden bir uly haýyşym bar. Meniň oglumy ýanyňa şägirt edip alsaň, öz bilýänleriňi öwretseň, belki, ondan bir zatlar çykar.

— Dost, menden bitmeli işiň bitdigi biläý. Men seniň ogluňy şägirdim edip alaýyn. Öz bilýänlerimiň hemmesini oňa öwredeýin, ýöne şondan artyk zady menden isleme!

— Wah, dost, bilýänleriňi öwretseňem bize ýetik bor. Men başga zat islämok, oglum sowatly, bilimli bolsa bes maňa.

Şeýdip, iki dost gürleşipdir. Daýhan ogluny dostunyň öýünde goýup, obasyna gaýdypdyr.

(Dowamy bar)

**Seýitguly GELDIÝEW,**
**Türkmenistanyň at gazanan žurnalisti.**

# ИНТЕРЕСНЫЕ ФАКТЫ О СНЕГЕ

**Акваланг для снега:** Иногда снег идет так густо, что лыжники и сноубордисты используют специальные маски — «снежные акваланги», чтобы видеть во время езды.

**Снег в пустыне:** Хотя это крайне редкое явление, но иногда снег выпадает даже в пустыне. Снег падал в Сахаре в 1979, 2016 и 2018 годах.

**Рекордная снежинка:** Самая большая зафиксированная снежинка была обнаружена в 1887 году в Монтане. Ее диаметр составлял около 38 см.

**Снег и воздух:** В снегу содержится очень много воздуха. В среднем, снежный покров на 95-98% состоит из воздуха, что делает его хорошим изолятором.

**Желтый снег:** Желтый снег обычно ассоциируется с мочой животных, но иногда снег может стать желтым из-за пыльцы. В Сибири снег иногда становится желтым из-за пыльцы кедра.

**Красный снег:** «Водорослевый снег» или «красный снег» - это явление, при котором снег становится красным или розовым из-за водорослей, которые живут в нем и производят красный пигмент.

**Снег и гидратация:** В экстремальных условиях, например, при выживании в горах, люди могут использовать снег в качестве источника воды, однако это может снизить температуру тела и увеличить риск обморожения.

**Снег и землетрясения:** Снег может помочь предотвратить землетрясения. Вес снежного покрова может стабилизировать тектонические плиты и уменьшить сейсмическую активность.

**Акустические свойства снега:** Снежный покров способен поглощать звук, поэтому в снежный день все кажется тише.

**Подготовил Умыт МЕРЕДОВ,**
**студент Туркменского**
**сельскохозяйственного университета.**

## «ЯНДЕКС» СТАЛ ВТОРЫМ ПО ПОПУЛЯРНОСТИ ПОИСКОВИКОМ В МИРЕ

☑ «Яндекс» стал вторым самым популярным поисковиком на планете. На него приходится 3,1 % от мирового поискового трафика. В России поисковик занимает первое место по популярности. Об этом свидетельствуют данные международной компании, предоставляющей услуги доставки контента и защиты от DDoS-атак.

История «Яндекса» началась в 1997 году. Это был небольшой поисковый проект, которому удалось постепенно завоевать доверие российских пользователей, предлагая качественный поиск, удобный интерфейс и уникальные сервисы. Недавно всем пользователям «Яндекса» стал доступен нейросетевой поиск. Искусственный интеллект может определять изображения и по фотографии узнавать местоположение и даже конкретное здание.

Глобальный интернет-трафик в 2024 году показал значительный рост. Общий годовой трафик увеличился на 17,2 %. Почти в 100 регионах большая часть трафика приходится на мобильные устройства, а в мировом масштабе зафиксированы показатели в виде 41,3 %.

**Подготовил Оразгелди ХОДЖАШОВ, студент.**

## ТКАНЬ ДЛЯ ПЛАЩА-НЕВИДИМКИ СОЗДАЛИ В КИТАЕ

☑ Китайские ученые создали новый материал, способный менять цвет в зависимости от окружающей обстановки. Это достижение, по их словам, приблизило их к созданию «плаща-невидимки».

Многие животные обладают естественной способностью сливаться с окружающей средой. Но искусственные системы, созданные для имитации этого процесса, были крайне сложными и неудобными в эксплуатации. Так, им требовалось поэтапное распознавание среды и обработка ее особенностей для изменения внешнего вида.

Новый материал использует процесс под названием самоадаптивный фотохромизм (SAP). Когда он подвергается воздействию определенной длины волны, его молекулы перестраиваются, и материал меняет цвет.

Материал изготовлен из органических красителей и молекул. Они обладают свойством менять структуру и химические свойства под воздействием света. В темноте они остаются преимущественно черными, но самопроизвольно меняют окраску под влиянием проходящего и отраженного света.

Ученые протестировали свойства материала. В ходе эксперимента прозрачный контейнер с ним поместили в акриловые коробки разных цветов, включая красный, зеленый, желтый и черный. Материал менял цвет в соответствии с коробкой. Наблюдения показали, что смена цвета происходит в течение всего минуты.

По сравнению с предыдущими системами, новый материал является более простым, дешевым и удобным в использовании. Добавив больше фотохромных молекул, ученые рассчитывают расширить цветовую гамму материала и добиться более высокой скорости изменения, сообщает China Science Daily.

**Подготовила Гулширин ГУРБАНОВА, преподаватель Туркменского государственного энергетического института.**

## UNESCO RECOGNISES WORLD'S MOST BEAUTIFUL TRAIN STATION IN AUSTRIA

☑ The train station in the Austrian town of Sankt Wolfgang, a small resort town in Salzkammergut, received the UNESCO Prix Versailles award as the world's most beautiful train station in the world, Der Standard Newspaper reported.

The train station serves a narrow-gauge cog railway that connects the town centre (542 metres above sea level) with the summit of the Schafberg (1,782 metres). The route that began operating in 1893 runs between the federal states of Upper Austria and Salzburg.

The new train station building, completed in 2023, stand out with its modern design. Architects used wood, glass and steel, and the panoramic windows offer a view of Lake Wolfgang. A distinctive feature of the building is its wavy roof, which harmonises with the surrounding nature.

The UNESCO Prix Versailles awards, established in 2015, celebrate outstanding achievements in architecture and design on a global scale. They cover various categories of architectural objects, including train stations, airports, museums, sports facilities, shopping centres, hotels and restaurants.

**Translated by Enejan YUSUPOVA, A student, of the Turkmen Agricultural University**

## СТУДЕНТКА СОЗДАЛА «ЭЛЕКТРОННУЮ КНИГУ» ДЛЯ ЛЮДЕЙ ИЗ XIX ВЕКА

☑ Студентка Кардиффской школы искусств и дизайна Рэйчел Уолш решила объяснить Чарльзу Диккенсу, что такое электронная книга «Киндл». Для этого она создала «книгу книг» — портативную книгу с книжными миниатюрами.

Уолш рассказала, что человека из прошлого можно познакомить с современными технологиями и объяснить значение слов «электронная книга» и «интернет» только через метафоры. Поэтому она смастерила один большой книжный разворот с отсеками для 40 миниатюрных произведений, которые, по мнению студентки, могли бы понравиться Диккенсу.

В «книге книг» можно найти такие произведения, как «Дон Кихот» М. Сервантеса, «Гордость и предубеждение» Джейн Остин и «Отелло» У. Шекспира. Также Уолш положила несколько книг самого Диккенса и более современные литературные шедевры (например, «Над пропастью во ржи» Дж. Д. Сэлинджера).

**Подготовила Айлара СЕЙИДОВА, студентка Туркменского сельскохозяйственного университета.**


**Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti**

**«7/24.tm» — «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň hepdelik elektron goşundysy.**

**Salgysy: Aşgabat, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 54.**

**Telefon: +99312 22-81-38**
**Faks: +99312 22-77-03**
**e-mail: turkmenistansport@sanly.tm**

**A-115411**

**Žurnaly elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasyndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**

**Hojaberdi Apbaýewiň ýolbaşçylygyndaky «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň döredijilik topary tarapyndan taýýarlanyldy.**

**1-nji sahabyň bezegini ýerine ýetiren Abdyrahman ROWŞENOW.**



# ВИНИСИУС ПРИЗНАН ЛУЧШИМ ИГРОКОМ ГОДА ПО ВЕРСИИ ФИФА

**Премия была учреждена в 2016 году. Винисиус впервые выиграл этот приз. Также лучшими футболистами по версии ФИФА признавались португалец Криштиану Роналду (2016, 2017), хорват Лука Модрич (2018), поляк Роберт Левандовский (2020, 2021) и аргентинец Лионель Месси (2019, 2022, 2023).**

☑ Бразильский нападающий мадридского «Реала» Винисиус был удостоен звания лучшего игрока 2024 года по версии ФИФА.

На награду также претендовали футболисты «Реала» испанец Даниэль Карвахаль, уругваец Федерико Вальверде, англичанин Джуд Беллингем, француз Килиан Мбаппе (ранее - французский ПСЖ), а также норвежец Эрлинг Холанд, испанец Родри (оба - английский «Манчестер Сити»), немец Флориан Вирц («Байер») и испанец Ламин Ямаль («Барселона»). В списке претендентов также находился бывший футболист «Реала» немец Тони Кроос, завершивший карьеру после чемпионата Европы.

В октябре Винисиус занял второе место в голосовании на премию «Золотой мяч», которую вручает France Football. Тогда обладателем приза стал испанский полузащитник английского «Манчестер Сити» Родри.

В сезоне-2023/24 Винисиус стал чемпионом Испании в составе «Реала». Также испанский клуб выиграл Лигу чемпионом и Суперкубок УЕФА. На Кубке Америки, который прошел летом, сборная Бразилии с Винисиусом в составе не смогла выйти в полуфинал, уступив на стадии четвертьфинала команде Уругвая (0:0, 2:4 по пенальти).

В других номинациях лучшим игроком в женском футболе стала Айтана Бонмати из «Барселоны», а лучшим тренером – Карло Анчелотти. Премию за самый красивый гол получил Алехандро Гарначо из «Манчестер Юнайтед», а лучшими вратарями признаны Эмилиано Мартинес и Алисса Нихер.

# АБДУКОДИР ХУСАНОВ СТАЛ САМЫМ ДОРОГИМ ФУТБОЛИСТОМ ЦА

☑ Защитник сборной Узбекистана и французского «Ланса» Абдукодир Хусанов подорожал с 5 до 12 миллионов евро по данным портала Transfermarkt и стал самым дорогим футболистом Центральной Азии, а также вошел в десятку самых дорогостоящих футболистов из стран СНГ.

Как сообщает fergana.agency, Хусанов обошел по стоимости своих соотечественников - полузащитника московского ЦСКА Аббоса Файзуллаева (6 млн евро) и форварда итальянской «Ромы» Элдора Шомуродова (5 млн евро). На четвертой строчке по стоимости находится казахстанский полузащитник турецкого «Бешикташа» Бахтиер Зайнутдинов.

Самым дорогим футболистом из стран СНГ остается российский хав из клуба «Монако» Александр Головин - 30 млн евро. В 20 млн евро оцениваются еще один россиянин Матвей Сафонов (ПСЖ) и армянин Эдуард Сперцян («Краснодар»). Хусанов оказался на седьмом месте среди всех игроков СНГ.

**www.fnk.net**

# 2024 ГОД ПРИЗНАЛИ САМЫМ ТЁПЛЫМ В ИСТОРИИ

☑ Климатологи подтвердили, что 2024 год станет самым теплым в истории. Ученые из Европейской службы по изменению климата «Коперник» пришли к такому выводу, проанализировав данные за 11 месяцев, с января по ноябрь. Согласно результатам исследования, температура на планете в ноябре на 1,62 градуса превысила доиндустриальный уровень. Средняя температура за год, по прогнозам, превысит показатель XIX века на 1,60 градуса (в предыдущем рекордно теплом 2023 году – на 1,48 градуса).

В исследовании также сказано, что 2024 год станет первым годом, когда средняя температура превысит доиндустриальный уровень более чем на 1,5 градуса Цельсия. По словам ученых, масштабные меры по борьбе с изменением климата в настоящее время являются «более неотложными», чем когда-либо. В конце 2023 года многие страны приняли глобальное обязательство отказаться от ископаемого топлива. Тем не менее, в 2024 году выбросы парниковых газов продолжили расти. Между тем, чтобы сдержать потепление на уровне плюс 1,5 градуса к доиндустриальному уровню, к 2030 году выбросы необходимо сократить на 45 %.

Другое исследование показало, что содержание углекислого газа в атмосфере Земли на 151 % превысило доиндустриальные показатели. За последние 20 лет уровень $CO_2$ возрос более чем на 10 %. Концентрация метана возросла на 265 %, закиси азота – на 125 %. Соответствующее исследование провели эксперты Всемирной метеорологической организации (ВМО).

**Подготовил Меретмухаммет ХОДЖАНЕПЕСОВ,**
**преподаватель Туркменского**
**сельскохозяйственного университета.**

# THE INTERNATIONAL SAMBO FEDERATION 2025 COMPETITION CALENDAR HAS BEEN PUBLISHED

☑ The Executive Committee of the International SAMBO Federation (FIAS) has approved the competition calendar for 2025. A detailed schedule of tournaments is published on the FIAS website.

The 2025 World SAMBO Championships will be held in Ashgabat (Turkmenistan), and the World Beach SAMBO Championships will be held in Singapore. Traditionally, Armenia and Kyrgyzstan will host the World SAMBO Cups; the Student World Cup is planned for Serbia.

Geography of continental championships: Asia and Oceania – Uzbekistan, Europe – Cyprus, Africa – Guinea, Pan America – Ecuador.

In August 2025, the program of the World Games in Chengdu will include Combat SAMBO competitions, the selection for which took place during the 2024 sports year.

**Translated by Aylar KAKAEVA,**
**A student, of the Turkmen**
**Agricultural University**



# ЛУКМАН ПРИЗНАН ЛУЧШИМ ФУТБОЛИСТОМ АФРИКИ В 2024 ГОДУ

☑ Полузащитник итальянской «Аталанты» и сборной Нигерии Адемола Лукман был признан лучшим футболистом Африки в 2024 году на церемонии награждения CAF Awards, которая состоялась 16 декабря в Марокко.

27-летний Лукман помог «Аталанте» выиграть Лигу Европы, оформив хет-трик в финальном матче против «Байера».

Его конкурентами на звание лучшего футболиста были Симон Адингра («Брайтон», Кот-д'Ивуар), Серу Гирасси («Боруссия», Дортмунд, Гвинея), Ашраф Хакими («ПСЖ», Марокко) и Ронвен Уильямс («Мамелоди Сандаунз», ЮАР).

Лучшим тренером года стал Эмерс Фаэ, главный тренер сборной Кот-д'Ивуара, которая выиграла Кубок африканских наций в январе.

**Подготовил Мухамметгелди АЛЛАГУЛЫЕВ,**
**спортивный обозреватель.**



# КАК ПРАВИЛЬНО МЫТЬ АВТОМОБИЛЬ В МОРОЗ?



☑ Надо соблюдать определенный алгоритм:

Перед мытьем транспортное средство должно согреться в боксе на протяжении 10 минут.

Напором воды нужно сбить заледеневшие куски из колесных арок и с порогов. Мыть машину следует водой не горячее 40 градусов.

Наносить пену, растворяющую загрязнения, надо снизу вверх с расстояния 0,3 м от кузова.

Пену и загрязнения смывают в горизонтальном направлении, в первую очередь — с боков.

Авто ополаскивают также сверху вниз. Допускается использовать деминерализованную воду, чтобы не было разводов.

Следует просушить кузов и продуть сжатым воздухом дверные ручки, замки, петли, стеклоочистители, корпуса зеркал, лючок бензобака.

В заключение допускается нанесение на кузов жидкого воска для защиты лакокрасочного покрытия от негативных факторов окружающей среды и отталкивания загрязнений.

**Подготовил Акмырат ЯКШЫМЫРАДОВ,**
**преподаватель Туркменского**
**сельскохозяйственного**
**университета.**